1.5. Gaussyň teoremasyndan peýdalanyp: *a*) üst dykyzlygy σ bolan deňölçegli zarýadlanan tekizligiň meýdanyny; *b*) zarýadlarynyň üst dykyzlyklary $+\sigma$ we $-\sigma$ bolan zarýadlanan iki parallel tekizligiň meýdanyny, tapmaly.

1.6. Deňölçegli zarýadlanan tükeniksiz tegelek silindriň uzynlyk biriligine λ zarýad düşýän bolsa, onuň döredýän meýdanyny tapmaly.

1.7. q zarýad bilen deňölçegli zarýadlanan:
a) sferiki üstüň;
b) radiusy a bolan şaryň
meýdanyny tapmaly.

1.8. Elektrik meýdany $\lambda = 40\,nKl/m$ dykyzlygy bolan inçe, tükeniksiz uzyn, deňölçegli zarýadlanan sapak bilen döredilen. Sapakdan $a = 20\,sm$ aralykda radiusy $R = 1\,sm$ bolan tekiz tegelek meýdança ýerleşýär. Eger-de meýdançanyň tekizligi meýdançanyň ortasyndan geçýän güýjenme wektory bilen $\beta = 30^0$ burç emele getirýän bolsa, onda meýdançadan geçýän güýjenme wektorynyň akymyny kesgitlemeli.

1.9. Radiusy $R = 20\,sm$ bolan inçe ýarymhalka $q = 0{,}70\,nKl$ zarýad bilen deňölçegli zarýadlanan. Bu ýarymhalkanyň merkezinde elektrik meýdanyň güýjenmesiniň modulyny tapmaly.

G.Toýlyýew

T.M.Ýusupow

G.Orazow

Fizikadan meseleler.

III. Elektromagnit hadysalary.

(Talyplar üçin okuw-usuly gollanma)

Aşgabat – 2010

M A Z M U N Y

I.2. Meseleler

1.1. Elektrik meýdany $q_1 = 30\,nKl$ we $q_2 = -10\,nKl$ nokatlanç zarýadlar tarapyndan döredilen. Zarýadlaryň arasyndaky uzaklyk $d = 20\,sm$. Birinji zarýaddan $r_1 = 15\,sm$ we ikinji zarýaddan $r_2 = 10\,sm$ uzaklykda ýerleşen nokatda elektrik meýdanynyň güýjenmesini kesgitlemeli.

1.2. Uzynlygy 2ℓ bolan inçe göni sapak q zarýad bilen deňölçegli zarýadlanan. Sapagyň merkezinden x uzaklykda duran we onuň uçlaryna görä simmetrik ýerleşen nokatda meýdanyň E güýjenmesini tapmaly. Iki ýagdaýa seretmeli: *a)* sapagyň uzynlygy tükeniksiz; *b)* $x \gg \ell$.

1.3. Radiusy $R = 8\,sm$ bolan inçe halka $\lambda = 10\,nKl$ çyzykly dykyzlyk bilen deňölçegli zarýadlanan. Halkanyň hemme nokatlaryndan $r = 10\,sm$ uzaklaşan nokatda elektrik meýdanynyň güýjenmesini kesgitlemeli.

1.4. Radiusy a bolan tegelek disk deňölçegli zarýadlanan. Eger zarýadyň üst σ bolsa diskiň okunyň haýsy nokadynda meýdanyň güýjenmesi $\frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\pi\sigma$ deň bolar?

1.18. Iki dielektrigiň araçäginde $\vec{D}$ wektoryň normal düzüjileri üçin şert (1.3-nji çyzgy).

$$D_{2n} - D_{1n} = \sigma, \qquad (1.36)$$

bu ýerde $\sigma -$ iki gurşawyň araçägindäki erkin zarýadyň üst dykyzlygy.

Eger $\sigma = 0$ bolsa, onda

$$D_{1n} = D_{2n}, \qquad (1.37)$$

ýagny araçägiň iki tarapynda hem $\vec{D}$ wektoryň normal düzüjileri birmeňzeşdir.

Sözbaşy

Fizikany çuňňur öwrenip, geljekde bu ugurdan özüne hünär saýlamagy maksat edinýän zehinli ýaşlar üçin niýetlenen bu okuw gollanmasy öň neşir edilen „Fizikadan meseleler. I. Mehanika“, „Fizikadan meseleler. II. Molekulýar fizika. Termodinamika“ gollanmalaryň dowamy bolup, onda umumy fizikanyň elektromagnit hadysalaryna degişli 200 golaý mesele getirilýär. Öňki gollanmalarda bolşy ýaly, ilki bilen degişli temalar boýunça usuly görkezmeler berilýär. Soňra meseleleriň şertleri, olary çözmek üçin ugrukdyrmalar we jogaplar getirilýär. Her babyň ahyrynda meseleler jikme-jik çözülip görkezilýär.

Hödürlenýän gollanma ilkinji nobatda fizikadan döwlet we halkara bäsleşiklerine taýýarlanýan zehinli okuwçylar we olaryň mugallymlary üçin niýetlenendir. Biziň pikirimizçe bu gollanma fizika-matematika boýunça ýöriteleşdirilen we beýleki zehinli çagalar mekdepleri üçin hem peýdaly ýardamçy bolar.

Gollanma jemi IX Bapdan durýar. Gollanmanyň IV, V, VI baplaryny professor G. Toýlyýew, I, VII, VIII, IX baplaryny professor T.M. Ýusupow, II, III baplaryny, fizikadan we matematikadan goşmaçalary fizika-matematika ylymlarynyň kandidaty G. Orazow ýazdylar.

Collanmadaky meseleler dürli ýyllarda çap edilen kitaplardan [1-23] saýlanyp toplandy. Meseleleriň işlenişini, işlemek üçin ugrukdymalary, usuly görkezmeleri we jogaplary ýazarlaryň özleri amala aşyrdylar.

Gollanmanyň gurluşy, onuň mazmuny barada öz pikirlerini aýdan we onuň kämilleşmegine ýardam etjek teklipleri iberen ähli okyjylara biz örän minnetdar bolardyk.

Ýazarlar

Onda

$$\oint \vec{D}\,d\vec{s} = q_{\text{içki}}\,, \qquad (1.32)$$

(1.32) aňlatma $\vec{D}$ wektory üçin Gaussyň teoremasy diýip atlandyrylýar.

Eger-de (1.31) formulada (1.24) gatnaşygy goýsak, onda alarys:

$$\vec{D} = \varepsilon_0 (1+\chi)\vec{E}$$

ýa-da

$$\vec{D} = \varepsilon\,\varepsilon_0\,\vec{E}, \qquad (1.33)$$

bu ýerde

$$\varepsilon = 1+\chi \qquad (1.34)$$

maddanyň dielektrik syzyjylygy.

1.17. Iki dielektrigiň araçäginde $\vec{E}$ wektoryň tangensial düzüjisi üçin araçäk şert (1.2-nji çyzgy):

$$E_{1\tau} = E_{2\tau}\,, \qquad (1.35)$$

ýagny $\vec{E}$ wektoryň tangensial düzüjisi araçägiň iki tarapynda-da birmeňzeşdir.



1.2-nji



1.3-nji

1.15. $\vec{P}$ wektory üçin araçäk şertler:

$$P_{2n} - P_{1n} = -\sigma', \qquad (1.26)$$

bu ýerde σ' – bagly zarýadyň üst dykyzlygy.

(1.26) aňlatma iki dilektrigiň araçäginde $\vec{P}$ wektoryň normal düzüjisiniň üzülýändigini görkezýär.

Eger 2-nji gurşaw wakuum bolsa, onda (1.26) aňlatma ýönekeýleşýär:

$$\sigma' = P_n, \qquad (1.27)$$

bu ýerde $\vec{P}_n$ - $\vec{P}$ wektoryň üste geçirilen daşky normala proýeksiýasydyr.

(1.24) formulanyň esasynda

$$\sigma' = \chi\varepsilon_0 E_n, \qquad (1.28)$$

bu ýerde $\vec{E}_n$ - $\vec{E}$ wektoryň daşky normala proýeksiýasy.

1.16. Elektrik meýdanynyň induksiýasynyň $\vec{D}$ wektory üçin Gaussyň teoremasy:

$$\oint \varepsilon_0 \vec{E} d\vec{s} = (q + q')_{\text{içki}}, \qquad (1.29)$$

bu ýerde q we q' – S üst bilen gurşan daşky we bagly zarýadlar.

(1.25) formulanyň esasynda

$$\oint\left(\varepsilon_0 \vec{E} + \vec{P}\right) d\vec{s} = q, \qquad (1.30)$$

bu ýerde

$$\vec{D} = \varepsilon_0 \vec{E} + \vec{P} \qquad (1.31)$$

I bap

Wakumda elektrostatiki meýdan. Dielektrikler elektrik meýdanynda

I.1. Usuly görkezmeler

1.1. Hereket etmeýän nokatlanç q' zarýada täsir edýän güýç

$$\vec{F} = q'\vec{E}, \qquad (1.1)$$

bu ýerde $\vec{E}$ wektor-berlen nokatda elektrik meýdanynyň güýjenmesi.

Nokatlanç q zarýadyň özüni gurşap alan giňişlikde döredýän $\vec{E}$ elektrik meýdanynyň güýjenmesi

$$\vec{E} = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{q}{r^3}\vec{r}, \qquad (1.2)$$

bu ýerde $\vec{r} - q$ zarýadyň ýerleşen nokadyndan elektrik meýdanynyň güýjenmesiniň kesgitlenilýän nokadyna geçirilen radius-wektor.

(1.1) we (1.2) deňlemelerden q we q' zarýadlaryň arasyndaky özara täsir güýji tapylýar (Kulonyň kanuny):

$$F = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{q\,q'}{r^3}\vec{r} \qquad (1.3)$$

Eger giňişlikde n sany zarýadyň ýerleşişi belli bolsa, onda bu zarýadlar tarapyndan döredilýän jemleýji meýdan aýry-aýry zarýadlar tarapyndan döredilýän meýdanlaryň jemine deňdir (superpozisiýa prinsipi):

$$\vec{E} = \sum_n E_n = \vec{E}_1 + \vec{E}_2 + \ldots + \vec{E}_n = \sum_n \frac{q_n}{4\pi\varepsilon_0 r^3}\vec{r} \qquad (1.4)$$

Eger zarýadlar giňişlikde üznüksiz paýlanan bolsa, onda zarýadlaryň $\rho -$ göwrümleýin, $\sigma -$ üst we $\lambda -$ çyzykly dykyzlygy düşünjeleri girizýärler. Kesgitlemä görä:

$$\rho = \frac{dq}{dV}, \quad \sigma = \frac{dq}{ds}, \quad \lambda = \frac{dq}{d\ell}, \qquad (1.5)$$

bu ýerde dq – degişlilikde dV – göwrümde, ds üstde we $d\ell$ uzynlykda ýerleşen zarýad.

Meselem, eger zarýad göwrüm boýunça paýlanan bolsa, onda (1.4) formulada q_n – iň ýerine $dq = \rho dV$ we $\sum -$ iň ýerine $\int$ integral goýmaly. Onda

$$\vec{E} = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\int \frac{\rho \vec{r} dV}{r^3}, \qquad (1.6)$$

bu ýerde integrirleme ähli giňişlik boýunça geçirilýär.

1.2. Wakuumda islendik ýapyk üst boýunça elektrik meýdanynyň güýjenmesiniň akymy ýapyk üstüň içindäki zarýadlaryň algebraik jeminiň elektrik hemişeligine bölünmegine deňdir:

$$N = \oint \vec{E} d\vec{s} = \frac{1}{\varepsilon_0}\int_V \rho\, dV = \frac{1}{\varepsilon_0} q_{\square\square\square\square}, \qquad (1.7)$$

bu ýerde $q_{\square\square\square\square} = \int_V \rho\, dV$.

(1.7) formula Gaussyň teoremasyny aňladýar.

$$W = -\vec{p}\vec{E} \qquad (1.21)$$

1.11. Elektrik toguny geçirmeýän jisimlere **dielektrikler** diýilýär.

Dielektriklerdäki elektrik meýdan $\vec{E}$ daşky $\vec{E}_0$ we bagly zarýadlaryň $\vec{E}'$ meýdanlarynyň superpozisiýasydyr:

$$\vec{E} = \vec{E}_0 + \vec{E}' \qquad (1.22)$$

1.12. Dielektrikler elektrik meýdanynda ýerleşdirilende dipol momentiň ýüze çykmagyna **dielektrikleriň polýarlanmagy** diýilýär.

Dielektrigiň göwrüm birligine düşýän elektrik momentine **polýarlanma wektory** diýilýär we ol aşakdaky deňlikden kesgitlenýär.

$$\vec{P} = \frac{1}{\Delta V}\sum_{i=1}^{N} \vec{p}_i \qquad (1.23)$$

1.13. Polýarlanma wektory $\vec{P}$ berlen nokatda elektrik meýdanynyň güýjenmesine göni proporsionaldyr, ýagny

$$\vec{P} = \chi\varepsilon_0\vec{E} \qquad (1.24)$$

bu ýerde $\chi -$ dielektrik kabul edijiligi,

$\varepsilon_0 -$ elektrik hemişeligidir.

1.14. $\vec{P}$ wektory üçin Gaussyň teoremasy:

$$\oint \vec{P} d\vec{s} = -q'_{\text{içki}} \qquad (1.25)$$

ýagny $\vec{P}$ wektoryň S ýapyk üst boýunça geçýän akymy bu üstüň içindäki ters alamaty bilen alnan bagly zarýadyna deňdir.

$$\vec{E} = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{\vec{p}}{r^3}\sqrt{1+3\cos^2\theta} \quad , \qquad (1.18)$$

bu ýerde $\theta -$ $\vec{r}$ we $\vec{p}$ wektorlaryň arasyndaky burç.

1.8. Dipola täsir edýän güýç

$$\vec{F} = q\vec{E}_+ - q\vec{E}_- = q\left(\vec{E}_+ - \vec{E}_-\right),$$

bu ýerde $\vec{E}_+$ we $\vec{E}_-$ – dipolyň položitel we otrisatel zarýadlarynyň ýerleşen nokatlaryndaky daşky birhilli däl meýdanyň güýjenmesi.

$\vec{E}_+$ - $\vec{E}_- -$ $\vec{\ell}$ wektoryň boýuna $\vec{E}$ wektoryň $\Delta\vec{E}$ artym:

$$\Delta\vec{E} = \vec{E}_+ - \vec{E}_- = \frac{\partial\vec{E}}{\partial\ell}\ell$$

Bu aňlatmany $\vec{F}$ güýji üçin formulada goýup, alarys:

$$\vec{F} = p\frac{\partial\vec{E}}{\partial\ell}, \qquad (1.19)$$

bu ýerde $p = q\ell -$ dipolyň elektrik momenti.

1.9. Dipola täsir edýän güýjüň momenti

$$\vec{M} = \left[\vec{p}\vec{E}\right] \qquad (1.20)$$

1.10. Daşky elektrik meýdanynda dipolyň energiýasy:

1.3. Gaussyň teoremasynyň differensial görnüşi:

$$diV\vec{E} = \rho/\varepsilon_0 \qquad (1.8)$$

Eger $div\vec{E} > 0$ bolsa, onda S ýapyk üst bilen çäklenen V göwrümde $\vec{E}$ wektoryň güýç çyzyklarynyň başlanýan nokatlary bardyr.

Eger $div\vec{E} < 0$ bolsa, onda S ýapyk üst bilen çäklenen V göwrümde $\vec{E}$ wektoryň güýç çyzyklarynyň ýygnanýan nokatlary bardyr.

1.4. Nokatlanç zarýadyň meýdanynyň potensialy

$$\varphi = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{q}{r}, \qquad (1.9)$$

ýagny nokatlanç zarýadyň meýdanynyň potensialy zarýadyň ululygy bilen göni baglanyşykda bolup, nokatlanç zarýad bilen potensialy kesgitlenýän nokatlaryň arasyndaky uzaklyga ters baglanyşyklydyr.

Hereket etmeýän nokatlanç zarýadlaryň toplumynyň potensialy:

$$\varphi = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\sum\frac{q_i}{r_i}, \qquad (1.10)$$

bu ýerde $r_i - q_i$ nokatlanç zarýadyň meýdanyň bizi gyzyklandyrýan nokadyna çenli aralyk.

(1.10) formula potensial üçin superpozisiýa prinsipiniň ýerine ýetýändigini görkezýär.

Eger ulgamy emele getirýän zarýadlar üznüksiz paýlanan bolsalar, onda

$$\varphi = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0} \int \frac{\rho\, dV}{r} \,, \qquad (1.11)$$

bu ýerde $\rho - dV$ elementar göwrümiň ýerleşen ýerindäki zarýadyň göwrümleýin dykyzlygy.

Eger zarýadlar diňe S üst boýunça ýerleşen bolsalar, onda

$$\varphi = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0} \int \frac{\sigma\, ds}{r} \,, \qquad (1.12)$$

bu ýerde $\sigma -$zarýadyň üst dykyzlygy; $ds - S$ üstüň elementi.

1.5. Potensial φ we elektrik meýdanyň $\vec{E}$ wektorynyň arasyndaky baglanyşyk:

$$\vec{E} = -\left(\frac{\partial\varphi}{\partial x}\vec{i} + \frac{\partial\varphi}{\partial y}\vec{j} + \frac{\partial\varphi}{\partial z}\vec{k} \right) = -\overrightarrow{grad}\varphi = -\vec{\nabla}\varphi \,, \qquad (1.13)$$

bu ýerde $\vec{i}, \vec{j}, \vec{k}$ x, y, z koordinata oklaryň birlik wektorlary.

Eger φ üstüň ähli nokatlarynda birmeňzeş baha eýe bolsa, onda bu üste **ekwipotensial üst** diýilýär.

1.6. q' nokatlanç zarýadyň 1-nji nokatdan 2-nji nokada süýşürilende meýdanyň edýän işi

$$A_{12} = q'(\varphi_1 - \varphi_2), \qquad (1.14)$$

bu ýerde φ_1 we φ_2 degişlilikde 1-nji we 2-nji nokatlardaky potensiallar.

1.7. Biri birinden käbir ℓ uzaklykda ýerleşen modullary boýunça birmeňzeş, dürli atly $+q$ we $-q$ nokatlanç zarýadlaryň toplumyna **elektrik dipoly** diýilýär.

O nokatda (1.1-nji çyzgy) dipolyň döredýän meýdanynyň potensialy aşakdaky deňlikden tapylýar:

$$\varphi = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\left(\frac{q}{r_+} - \frac{q}{r_-} \right) = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0} \frac{q(r_- - r_+)}{r_+ r_-} \qquad (1.15)$$

Dipolyň meýdany barada gürrüň edilende dipolyň özi nokatlanç we $r >> \ell$ diýip alynýar.



1.1-nji çyzgy.

1.1-nji çyzgydan görnüşi ýaly

$$r_- - r_+ = \ell \cos\theta \quad \text{we} \quad r_+ r_- = r^2 \,,$$

bu ýerde r – nokatdan dipola çenli aralyk.

Onda (1.15) deňlikden alynýar:

$$\varphi = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0} \frac{p\cos\theta}{r^2} \,, \qquad (1.16)$$

bu ýerde $p = q\ell -$ dipolyň elektrik momenti.

Wektor görnüşde

$$\vec{p} = q\vec{\ell} \qquad (1.17)$$

Nokatlanç dipolyň meýdanynyň güýjenmesi:

laýyklykda ýazyp bolar: $\sigma'/2\varepsilon_0 = \varepsilon(-\sigma'/2\varepsilon_0)$. Bu ýerden, meselede berlen halat üçin $\sigma' = 0$ gelip çykýar. Soňra ýapyk üst hökmünde merkezi q zarýadyň ýerleşen nokadynda radiusy r bolan sferany alyp we bu sfera üçin Gaussyň teoremasyndan peýdalanyp, $2\pi r^2 D_0 + 2\pi r^2 D = q$ gatnaşygy ýazyp bolar (bu ýerde D_0 – wakuumda q zarýaddan r aralykdaky $\vec{D}$ wektoryň moduly). Bu formulada $D = \varepsilon D_0$ formulany goýup, ilki D_0 we D, soňra bolsa meýdan E we potensial φ üçin aňlatmalar tapylar.

1.10. Radiusy R bolan inçe dielektrik halkasy $\lambda = \lambda_0 \cos\varphi$ çyzykly dykyzlyk bilen zarýadlanan ($\lambda_0 -$hemişelik ululyk, $\varphi -$azimut burçy).
a) halkanyň merkezinde;
b) halkanyň okunda onuň merkezine çenli x aralyga baglylykda Elektrik meýdanyň güýjenmesiniň modulyny tapmaly;
Alnan aňlatmany $x>>R$ şert üçin derňemeli.

1.11. Ýarymsfera $\sigma = 1nKl/m^2$ üst dykyzlygy bilen deňölçegli zarýadlanan. Ýarymsferanyň geometrik merkezindäki elektrik meýdanynyň güýjenmesini tapmaly.

1.12. Örän ýuka disk $\sigma > 0$ üst dykyzlygy bilen deňölçegli zarýadlanan. Eger-de disk bu diskiň okunyň käbir nokadyndan Ω jisim burçy boýunça görünýän bolsa, onda bu nokatda elektrik meýdanyň $\vec{E}$ güýjenmesini tapmaly.
Alnan aňlatmany diskden uzaklyga baglylykda derňemeli.

1.13. Deňölçegli zarýadlanan örän uzyn göni sim uzynlyk birligine düşýän λ zarýada eýedir. Sapakdan y uzaklykda duran we onuň uçlarynyň birinden geçýän perpendikulýarda ýerleşen nokatda elektrik meýdanynyň güýjenmesiniň modulyny we ugryny tapmaly.

1.14. Elektrik meýdanynyň güýjenmesi diňe x we y koordinatalara $\vec{E} = a(x\vec{i} + y\vec{j})(x^2 + y^2)$ kanun boýunça bagly (bu ýerde a – hemişelik, $\vec{i}$ we $\vec{j}$ - x we y oklaryň ortalary). Radiusy R we merkezi koordinatalar başlangyjynda bolan sferadan geçýän $\vec{E}$ wektorynyň akymyny tapmaly.

1.15. Ulgam radiusy R bolan sferiki simmetriýaly zarýadlanan şardan we göwrümleýin dykyzlygy $\rho = \alpha/r$ bolan zarýad bilen doldurylan töweregindäki gurşawdan ybarat (bu ýerde α – hemişelik, r – şaryň merkezinden uzaklyk). Şaryň daşynda elektrik meýdanynyň güýjenmesiniň moduly r ululyga bagly bolmadyk şaryň zarýadyny kesgitlemeli. Bu ýagdaýynda güýjenme nämä deň? Dielektrik syzyjylygy ε hemme ýerde 1-e deň.

1.16. Göwrümleýin dykyzlyklary ρ we $-\rho$ bolan alamatlary boýunça dürli atly zarýadlar bilen deňölçegli doldurylan iki şaryň kesişme giňişliginde elektrik meýdanynyň $\vec{E}$ güýjenmesini tapmaly. Şarlaryň merkezleriniň arasyndaky uzaklyk $\vec{a}$ wektor bilen häsiýetlendirilen (1.4-nji çyzgy).



1.4-nji çyzgy.

Aýna – wakuum gurşawlar üçin (1.35) we (1.37) araçäk şertlerden peýdalanyp, $\vec{E}$ wektoryň modulyny, soňra bolsa E/E_0 gatnaşygy tapmaly. Bagly zaryadlaryň üst dykyzlygyny tapmak üçin $\vec{P}$ wektory üçin araçäk şertlerden peýdalanmaly: $P_{2n} - P_{1n} = -\sigma'$, bu ýerde $\sigma' = P_{on} = \chi\varepsilon_0 E_{on}$ (E_{on}-wakuumda $\vec{E}$ wektoryň normal düzüjisi).

1.29. a) Wakuum – dielektrik gurşawlaryň araçäginde $\vec{D}$ wektoryň normal düzüjisiniň üznüksizliginden peýdalanyp $\left(D_{2n} = D_{1n},\ E_{2n} = \varepsilon_0 E_{1n}\right)$ we $\sigma'/2\varepsilon_0$ aňlatmany nazary alyp, $\vec{E}$ wektory ($\sigma'/2\varepsilon_0$ - zarýadyň üst dykyzlygy σ' bolan tekizligiň uçastogynyň ýakynlygynda döredilýän meýdanyň güýjenmesiniň düzüjisi), r aralygyň funksiýasy bolan bagly zarýadlaryň üst dykyzlygyny tapyp bolar.
b) Araçägiň merkezi bolan O nokatda daşky we içki radiuslary r' we $r' + dr'$ bolan halka almaly. Berlen halkanyň çäginde dq' üst bagly zarýad $dq' = \sigma' \cdot 2\pi r' dr'$ baha deň bolmaly. Meseläniň birinji bölüminde σ' üçin alnan formuladan peýdalanyp, ony dq' üçin ýazylan aňlatmada goýmaly. Soňra bu aňlatmany ℓ-den ∞ çenli integrirlesek, gözlenilýän q' zarýady tapyp bolar.

1.30. $\vec{D}$ wektoryň normal düzüjisiniň üznüksizliginden peýdalanyp $\left(E_{2n} = \varepsilon E_{1n}\right)$, meseledäki berlen şertlere

1.26. *a*) Ýapyk üst hökmünde radiusy *r* bolan sferany alyp, $\vec{D}$ wektory üçin Gaussyň teoremasyny ulanmaly. Mundan soň, alnan deňlemäni $r < a$ we $r > a$ şertler üçin derňäp, ilki $\vec{D}$ wektoryň, soňra bolsa $\vec{E}$ wektoryň modulyny tapyp, $E(r)$ funksiýanyň grafigini çyzyp bolar.

b) Meselede berlen şertlere esaslanyp, daşky (keseki) zarýadyň ρ dykyzlygynyň üsti bilen Gaussyň teoremasynyň formulasyny ýazmaly. Mundan soň gatlagyň göwrümi boýunça meýdanyň güýjenmesiniň *E* modulyny tapyp, $E(r)$ funksiýanyň grafigini şekillendirip bolar.

1.27. *a*) Meselede berlen şertlere görä diňe daşky (keseki) zarýadlaryň paýlanyşy belli, şonuň üçin *E* meýdany tapmak üçin $\vec{D}$ wektory üçin Gaussyň teoremasyndan peýdalanmaly. Alnan formulalardan $r << a$ we $r >> a$ halatlar üçin $\vec{E}$ wektoryň modulynyň bahasyny tapmaly. Mundan soň, $E(r)$ we $\varphi(r)$ grafiklerini çyzyp bolar.

b) Bagly zarýadlaryň üst we göwrüm dykyzlygyny tapmak üçin (1.27) we (1.28) formulalardan we $q' = -\dfrac{\chi}{1+\chi} q$ gatnaşykdan peýdalanmaly.

1.28. Aýnada *A* nokadyň ýakynlygynda meýdanyň *E* güýjenmesi $E = \sqrt{E_\tau^2 + E_n^2}$ formuladan tapylar, bu ýerde E_τ we E_n degişlilikde $\vec{E}$ wektoryň tangensial we normal düzüjileri.

1.17. $\sigma = 0{,}25\, mkKl/m^2$ Üst dykyzlykly deňölçegli zarýadlanan ýuka diskiň gyrasynda potensialy tapmaly. Diskiň radiusy $R = 20\, sm$.

1.18. Käbir elektrik meýdanyň potensialy $\varphi = \alpha\left(xy - z^2\right)$ görnüşe eýedir. $M(2,1;-3)$ nokatda $\vec{a} = \vec{i} + 3\vec{k}$ wektoryň ugruna $\vec{E}$ wektoryň proýeksiýasyny tapmaly.

1.19. Zarýadlanan şaryň içinde potensial diňe onuň merkezine çenli aralyga $\varphi = ar^2 + b$ ýaly baglydyr (bu ýerde *a* we *b* – hemişelikler). Şaryň içinde göwrümleýin dykyzlygynyň $\rho(r)$ zarýadyň paýlanyşyny tapmaly.

1.20. $q_1 = 3\, mkKl$ we $q_2 = 20\, nkKl$ položitel zarýadlar wakuumda biri-birinden 1,5 *m* aralykda ýerleşýärler. Zarýadlary 1 *m* aralyga ýakynlaşdyrmak üçin edilýän işi kesgitlemeli.

1.21. Elektrik momenti $p = 2nK\ell m$ bolan dipol güýjenmesi $E = 30\, kw/m$ birhilli elektrik meýdanynda ýerlesýär. $\vec{p}$ wektor meýdanyň güýç çyzyklary bilen $\alpha_0 = 60^0$ burç emele getirýär. Daşky güýçler tarapyndan dipoly $\beta = 30^0$ öwürmek üçin edilen işi kesgitlemeli.

1.22. Elektrik momenti $p = 4\, pK\ell m$ bolan nokatlanç dipolyň onuň merkezinden $r = 10\, sm$ uzaklykda elektrik momentiň wektory bilen $\alpha = 60^0$ burç emele getirýän ugurda döredýän meýdanynyň güýjenmesini we potensialyny tapmaly.

1.23. Eger-de biri-birinden $\ell = 10\,nm$ uzaklykda ýerleşen suwuň iki sany molekulalarynyň elektrik momentleri şol bir göni çyzygyň ugry boýunça gönükdirilen bolsalar, onda olaryň özara täsirleşme güýjüni tapmaly. Her bir molekulanyň elektrik momenti $0{,}62 \cdot 10^{-29} Kl \cdot m$ deňdir.

1.24. Nokatlanç q zarýad dielektrik syzyjylygy ε bolan birhilli dielektrik şaryň merkezinde ýerleşen. $\vec{P}$ polýarlanma wektorynyň radius-wektora baglylygyny hem-de radiusy şaryň radiusyndan kiçi bolan sferanyň içindäki q' bagly zarýady tapmaly.

1.25. Nokatlanç q zarýad syzyjylygy diňe radial ugurda $\varepsilon = \alpha / r$ kanuna boýunça üýtgeýän birhilli däl izotrop dielektrigiň sferiki gatlagynyň merkezinde ýerleşýär (bu ýerde $\alpha -$hemişelik, r – ulgamyň merkezinden uzaklyk). Gatlagyň içinde r uzaklygyň funksiýasy bolan bagly zarýadlaryň göwrümleýin dykyzlygyny tapmaly.

1.26. Birhilli dielektrik radiuslary a we b bolan sferiki gatlak görnüşdedir $(a < b)$. Eger dielektrik deňölçegli paýlanan položitel zarýada eýe bolsa,
a) gatlagyň içki üsti boýunça;
b) gatlagyň göwrümi boýunça.

1.23. Suwuň iki sany molekulasyna momentleri birmeňzeş *p* bolan iki sany nokatlanç dipol ýaly seretmek mümkin. Onda munuň ýaly ulgama täsir edýän *F* güýji (1.19) formuladan tapyp bolar. Bu formula girýän *E* ululygy (1.18) formuladan tapmaly. *E* ululygyň bahasyny *F* güýç üçin formulada goýup, onuň san bahasyny tapmaly.

1.24. Ilki meýdanyň *E* güýjenmesini tapmaly. Ony Gaussyň teoremasynyň integral görnüşinden tapyp bolar. Soňra $\vec{P}$ polýarlanma wektoryny tapmak üçin (1.24) formuladan peýdalanmaly $\left(\vec{P} = \chi \varepsilon_0 \vec{E}\right)$. Bu formulada meýdanyň *E* güýjenmesi üçin alnan aňlatmany goýup, $\vec{P}$ wektoryň bahasyny tapmaly. Soňra $\vec{P}$ wektory üçin (1.25) Gaussyň teoremasyndan peýdalanyp, q' bagly zarýady tapyp bolar.

1.25. $\vec{P}$ polýarlanma wektory üçin Gaussyň teoremasyndan peýdalanmaly ((1.25) formula). Soňra ýapyk üst hökmünde radiusy r bolan sferany alyp, bu sferanyň içindäki $q'(r)$ bagly zarýad üçin (1.25) formulany ýazmaly. Ýazylan aňlatmanyň differensialyny alyp, $4\pi d\left(r^2 p_r\right) = -dq'$ deňlige gelmeli (bu ýerde $dq' -$radiuslary *r* we *r*+*dr* bolan sferalaryň arasyndaky ýuka gatlakdaky bagly zarýad). Soňky deňligi differensirläp soň, gatlagyň içinde r uzaklygyň funksiýasy bolan bagly zarýadlaryň ρ' göwrümleýin dykyzlygy tapylýar.

1.19. Ilki (1.13) formuladan peýdalanyp, elektrik meýdanynyň güýjenmesini tapmaly. $\left(E_r = -\dfrac{\partial\varphi}{\partial r} = -2ar\right)$. Soňra, Gaussyň teoremasyna esaslanyp, şar boýunça elektrik meýdanynyň akymyny tapmaly. Alnan aňlatmany differensirläp, şaryň içinde gözlenilýän $\rho(r)$ zarýadyň göwrümleýin dykyzlygyny tapyp bolar.

1.20. q nokatlanç zarýady bir nokatdan beýleki nokada süýşürmek üçin edilen işiň formulasyndan peýdalanmaly ((1.14) formula serediň). Mundan soň, berlen şertlerde ýoluň φ_1 we φ_2 başdaky we ahyrky nokatlarynyň potensialyny tapmaly. Potensiallaryň bahalaryny zarýadlary belli aralyga ýakynlaşdyrmak üçin daşky güýçleriň edýän işiniň formulasynda goýup, gutarnykly formulany almaly.

1.21. Daşky güýçler tarapyndan dipoly $d\alpha$ burça öwürmek üçin edilýän dA elementar işi aşakdaky formuladan tapyp bolar:

$$dA = Md\alpha$$

bu ýerde M – dipola täsir edýän güýjüň momenti. Ol (1.20) formuladan tapylar. M güýjüň momentiniň bahasyny ýokarda ýazylan formulada goýup we ony meseledäki berlen burçlaryň çäginde integrirläp, gözlenilýän işi tapmaly.

1.22. Nokatlanç dipolyň meselede berlen şertlere görä, döredýän meýdanyny (1.18) formuladan tapmaly. Soňra (1.16) formuladan peýdalanyp, bizi gyzyklandyrýan nokatda dipolyň meýdanynyň potensialy tapylar.

ulgamyň merkezinden r aralyga funksiýasy bolan elektrik meýdanynyň baglylykda güýjenmesiniň E modulynyň takmyny grafiklerini şekillendirmeli:

1.27. Erkin zarýadlar $\rho > 0$ göwrümleýin dykyzlygy bilen ε syzyjylykly birhilli izotrop dilektrikden ybarat bolan R radiusly şar boýunça deňölçegli paýlanan.

a) Şaryň merkezinden *r* aralyga baglylykda $\vec{E}$ wektoryň modulyny. *E(r)* we $\varphi(r)$ funksiýalaryň takmyny grafiklerini şekillendirmeli;

b) bagly zarýadlaryň üst we göwrümleýin dykyzlygyny tapmaly.

1.28. Aýna – wakuum araçäginiň A nokadynyň ýakynynda (1.5-nji çyzgy) wakuumda elektrik meýdanynyň E_0 güýjenmesi 10,0 *W/m* deňdir, $\vec{E}_0$ wektoryň we berlen nokatda araçägiň üstüne geçirilen $\vec{n}$ normalyň arasyndaky burç $\alpha_0 = 30^0$. Aýnada A nokadyň ýakynynda meýdanyň E güýjenmesini, E/E_0 gatnaşygy hem-de A nokatdaky bagly zarýadlaryň üst dykyzlygyny tapmaly.



1.5-nji çyzgy.

1.29. q nokatlanç zarýad wakuumda ähli ýarymgiňişligi dolduran birhilli izotrop dielektrigiň tekiz üstünden ℓ uzaklykda ýerleşen. Dielektrigiň syzyjylygy ε deňdir.

a) Bagly zarýadlaryň üst dykyzlygynyň q nokatlanç zarýaddan r aralyga funksiýasyny $\ell \to 0$ ýagdaýa seretmeli.

b) dielekrtigiň üstünde jemleýji bagly zarýady tapmaly.

1.30. q nokatlanç zarýad syzyjylygy ε bolan çäksiz birhilli izotrop dielekrik bilen wakuumyň serhetinde ýerleşýär. $\vec{D}$ we $\vec{E}$ wektorlaryň modullaryny we φ potensialyň q zarýaddan r uzaklyga baglylygyny tapmaly.

I.3. Ugrukdyrmalar

1.1. Meýdanyň E güýjenmesini tapmak üçin superpozisiýa prinsipinden peýdalanmaly (1.4 formula). q_1 we q_2 zarýadlar tarapyndan döredilen E_1 we E_2 meýdanlary (1.2) formuladan tapmaly. Mundan soň, kosinuslar teoremasyna esaslanyp, $\vec{E}$ wektoryň modulyny tapyp bolar.

1.2. Ilki meselede berlen sapagyň zarýady dq bolan $d\ell$ elementiniň döredýän dE_x düzüjisini tapmaly. dE_x düzüji (1.5) formuladan λ çyzykly dykyzlygyň üsti bilen tapylýar. Alnan aňlatmany integrirläp, meýdanyň E güýjenmesini kesgitläp bolar.

1.3. Ilki halkanyň dq zarýadly $d\ell$ elementiniň döreden elektrik meýdanynyň dE güýjenmesini tapmaly. Bu ýerde (1.2) we (1.5) formuladan peýdalanmaly. Soňra alnan aňlatmany 0-dan ℓ-e çenli integrirläp, halkanyň berlen

güýjenmesiniň bahasyny hem tapyp bolar. Ol $E = \dfrac{\alpha}{2\varepsilon_0}$ deň bolmaly.

1.16. Ilki Gaussyň teoremasyndan peýdalanyp, deňölçegli zarýadlanan şaryň içinde elektrik meýdanynyň güýjenmesini tapmaly. Ol $(\rho/3\varepsilon_0)\vec{r}$ deň bolmaly (bu ýerde $\vec{r}$ – şaryň merkezine görä radius-wektor).
Soňra iki şaryň kesişme giňişliginde meýdany tapmaly. Bu giňişligiň erkin nokadyndaky elektrik meýdanynyň E güýjenmesi $\vec{E} = \vec{E}_+ + \vec{E}_-$ deňlikden tapylar.

1.17. Başda (1.12) formuladan peýdalanyp, φ potensial üçin aňlatmany ýazmaly: $\varphi = \dfrac{1}{4\pi\varepsilon_0}\int \dfrac{\sigma ds}{r}$. Integrirlemäni ýönekeýleşdirmek üçin berlen diskde radiusy r we ini dr bolan ds meýdançany seçip almaly. Bu meýdança üçin $ds = 2\theta dr,\ r = 2R\cos\theta$ bolmaly. Bu ýerde $\theta -\ r$ radiusyň we diskiň $2R$ diametriniň arasyndaky burç. Bu ululyklary ulanyp, gözlenýän φ potensialy tapyp bolar. Integrirlemäni $\pi/2 -$den $0 -$a çenli aralykda geçirmeli.

1.18. (1.13) formulanyň esasynda $\vec{E}$ wektory tapmaly $\left(\vec{E} = -\vec{\nabla}\varphi = -\left(x\vec{i} + y\vec{j} - 2z\vec{k}\right)\right)$. Bu ýerden gözlenilýän E_a proýeksiýany tapyp bolar.

Zarýadly diskiň uly uzaklyklarda döredýän meýdanynyň güýjenmesi $E = \dfrac{q}{4\pi\varepsilon_0 r^2}$, diskiň ýakynynda bolsa $E = \sigma/2\varepsilon_0$ bolmaly.

1.13. Ilki çyzgyda $\vec{E}$ wektoryň E_x we E_y proýeksiýalaryny görkezmeli. Soňra bu proýeksiýalaryň dE_x we dE_y elementleriniň döredýän meýdanlaryny tapmaly. Alnan aňlatmany 0-dan $\pi/2$ çenli integrirläp, meýdanyň E_x we E_y düzüjilerini tapmaly. Ahyrda $E = \sqrt{E_x^2 + E_y^2}$ formuladan elektrik meýdanynyň güýjenmesiniň moduly tapylar.

1.14. Berlen şertlerde $\vec{E}$ wektoryň akymyny tapmak üçin oňa deňölçegli zarýadlanan sapagyň döredýän meýdanynyň akymy ýaly seretmeli, sebäbi $\vec{E}$ meýdan sferanyň merkezinden geçýän oka görä simmetrik ýerleşýär. Şonuň üçin radiusy R bolan sfera arkaly akýan akym edil şonuň ýaly radiusy we beýikligi $2R$ bolan silindriň gapdal üstünden akýan akyma deň bolmaly. Munuň ýaly silindr üçin Gaussyň integral görnüşli teoremasyndan peýdalanyp ((1.7) formula), gözlenilýän meýdanyň N akymyny tapyp bolar.

1.15. Gözlenilýän zarýady tapmak üçin radiusy r bolan q zarýadly sferanyň daşynda döreýän meýdanyň akymyny kesgitlemeli (Gaussyň integral görnüşli teoremasyndan peýdalanmaly). Alnan aňlatmadan elektrik meýdanynyň E

nokatda döredýän meýdanynyň E güýjenmesini tapyp bolar.

1.4. 1.3 meseläniň çözüwinden peýdalanyp, radiusy R we ini dR bolan diskiň elementar halkasynyň döredýän meýdanynyň güýjenmesini tapmaly. Soňra, alnan aňlatmany integrirläp, meýdanyň E güýjenmesini kesgitlemeli. Meseledäki berlen şerte laýyklykda soňky alnan aňlatmany $\dfrac{1}{4\pi\varepsilon_0}\pi\sigma$ deňläp, gözlenýän ululygy tapyp bolar.

1.5. *a*) Ilki meseläniň simmetriýasyna laýyklykda elektrik meýdanynyň wektorynyň ugryny tapmaly. Soňra meýdanyň konfigurasiýasyny kanagatlandyrmak üçin ýapyk üst hökmünde göni silindr saýlap almaly. Gaussyň teoremasyndan peýdalanyp (1.7) formula serediň), alnan silindriň üstünden akýan meýdanyň $\vec{E}$ wektorynyň normal düzüjisini tapmaly we ony $\sigma > 0$ we $\sigma < 0$ ýagdaýlar üçin derňemeli.
b) Gözlenilýän meýdany her bir tekizligiň aýratynlykda döredýän meýdanynyň superpozisiýasy ýaly tapyp bolar. Şonda meseläniň *a* bölüminde alnan aňlatma esaslanmaly.

1.6. Meseledäki berlen şertlere görä her bir nokatda meýdanyň $\vec{E}$ wektory silindriň okuna perpendikulýar bolmaly, onuň moduly bolsa silindriň okuna çenli r aralyga bagly bolmaly. Munuň esasynda ýapyk üst hökmünde koaksial göni silindr alyp, Gaussyň teoremasyndan bu silindriň gapdal üstünden geçýän $\vec{E}$ wektoryň akymyny tapmaly.

1.7. *a*) Meýdan sferiki simmetriýa eýedir, şonuň üçin islendik nokatda $\vec{E}$ wektoryň ugry sferanyň merkezinden geçmeli, onuň moduly bolsa diňe sferanyň merkezine çenli r aralyga baglydyr. Munuň esasynda ýapyk üst hökmünde konsentrik sferany alyp, Gaussyň teoremasynyň esasynda onuň meýdanyny tapmaly.

b) Şaryň meýdany hem sferiki simmetriýa eýedir, şonuň üçin onuň meýdanyny tapmak üçin ýapyk üst hökmünde konsentrik sferany almaly. Mundan soň, Gaussyň teoremasyndan peýdalanyp, şaryň daşyndaky we içindäki meýdany tapyp bolar.

1.8. Gaussyň integral görnüşde teoremasyndan peýdalanyp (1.7 formula), berlen şertlerde tegelek meýdançanyň üstünden geçýän meýdanyň güýjenmesiniň wektorynyň akymyny tapmaly. Alnan formulany integrirlände meýdançanyň çäginde güýjenmäniň $\vec{E}$ wektorynyň ululygy we ugry boýunça örän az üýtgeýändigini nazara almaly.

1.9. Ilki ýarymhalkanyň $d\ell$ elementiniň ýarymhalkanyň egrilik merkezinde döredýän elektrik meýdanynyň dE güýjenmesini tapmaly. ((1.6) formuladan peýdalanmaly). Soňra alnan aňlatmany $-\pi/2-$den $+\pi/2-$ä çenli integrirläp, gözlenilýän E meýdany tapyp bolar.

1.10. *a*) Zarýadyň berlen paýlanyşyndan peýdalanyp, halkanyň merkezinde $\vec{E}$ wektoryň ugryny tapmaly. Bu wektoryň moduly dq elementar zarýadlaryň döreden $d\vec{E}$ wektorlarynyň $\vec{E}$ wektoryň ugryna bolan proýeksiýalaryň jemine deň bolmaly. $\vec{E}$ wektora $d\vec{E}$ wektoryň proýeksiýasyny (1.4) formulanyň esasynda tapyp, alnan aňlatmany 0-dan 2π çenli integrirlemeli.

b) Halkanyň okunyň haýsy hem bolsa bir nokadynda $\vec{E}$ wektoryň modulyny tapmak üçin dürli atly zarýadlar bilen zarýadlanan ýarymhalkalaryň uzynlygynyň $d\ell$ elementini seçip almaly. Onuň berlen nokatda döreden $d\vec{E}_1$ we $d\vec{E}_2$ elektrik meýdanlaryň güýjenmeleriniň wektorlaryny çyzgyda şekillendirmeli. Soňra $d\vec{E}_1$ we $d\vec{E}_2$ wektorlaryň jemleýji wektorynyň modulyny tapmaly. Alnan aňlatmany 0-dan π ululyga çenli integrirläp, gözlenilýän E meýdany tapyp bolar.

1.11. Ilki berlen ýarymsferany zarýady $dq=\sigma ds$ bolan differensial ýuka halkalara bölmeli. Soňra halkanyň ýarymsferanyň merkezinde döredýän meýdanyň dE güýjenmesini tapmaly (1.3 meseläniň çözüwinden peýdalanmaly). Mundan soň, alnan formulany 0-dan $\pi/2$ çenli integrirläp, ýarymsferanyň geometrik merkezinde elektrik meýdanynyň güýjenmesini tapyp bolar.

1.12. Başda simmetriýa pikirlere görä $\vec{E}$ wektoryň ugryny tapmaly. Soňra diskiň ds meýdançasynda zarýadyň elementiniň diskiň z okunyň nokadynda döreden dE_z düzüjisini tapmaly. Alnan aňlatmany diskiň ähli üsti boýunça integrirlemeli. Mundan soň gözlenilýän elektrik meýdanynyň güýjenmesi tapylýar $\left(E=\dfrac{1}{4\pi\varepsilon_0}\sigma\Omega\right)$.

$$E_r \cdot 2\pi r h = \lambda\, h/\varepsilon_0$$, bu ýerden

$$E_r = \frac{\lambda}{2\pi\varepsilon_0 r} \quad (r > a) \qquad (1)$$

$\lambda > 0$ bolanda E_r hem noldan uludyr, ýagny $\vec{E}$ wektor zarýadlanan silindriň daşyna gönükdirilen eger $\lambda < 0$ bolsa, onda $E_r < 0$, ýagny $\vec{E}$ wektor zarýadlanan silindriň içine gönükdirilen.

Eger-de $r < a$ bolsa, onda ýapyk üst öz içinde zarýad saklamaýar, şonuň üçin bu giňişlikde $E = 0$. Şeýlelikde, üst boýunça deňölçegli zarýadlanan tegelek tükeniksiz silindriň içinde meýdan ýokdur.

1.7. *a*) Meseläniň şertine görä, meýdan merkezi – simmetrik bolmaly, islendik nokatda $\vec{E}$ wektoryň ugry sferanyň merkezinden geçýär, onuň moduly bolsa diňe sferanyň merkezine çenli r aralyga baglydyr. Munuň ýaly meýdanyň konfigurasiýasynda ýapyk üst hökmünde konsentrik sferany almaly. Goý, onuň radiusy $r > a$ bolsun, onda Gaussyň teoremasy boýunça

$$E_r \cdot 4\pi r^2 = q/\varepsilon_0 ,$$

bu ýerden

$$E_r = \frac{q}{4\pi\varepsilon_0 r^2} \quad (r > a) \qquad (1)$$

I.4. Jogaplar

1.1.

$$E = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\sqrt{\frac{q_1^2}{r^4} + \frac{q_2^2}{r^4} + 2\frac{q_1 q_2}{r_1^2 r_2^2}\left(\frac{d^2 - r_1^2 - r_2^2}{2r_1 r_2}\right)}\, W/m = 1{,}67 \cdot 10^4\, W/m$$

1.2. $E = \dfrac{q}{4\pi\varepsilon_0 x\left(\ell^2 + x^2\right)}$. $a)\ \ell = \infty,\ E = \dfrac{\lambda}{2\pi\varepsilon_0 x}$,

1.3. $E = \dfrac{\lambda R\sqrt{r^2 - R^2}}{2\varepsilon_0 r^3} = 2{,}71 kW/m$.

$$b)\ x >> \ell,\ E \approx \frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 x^2}.$$

1.4. $|z| = \dfrac{a}{\sqrt{3}}$.

1.5. $a)\ E = -\sigma/2\varepsilon_0$; $b)\ E = \sigma/\varepsilon_0$.

1.6. $E_r = \dfrac{\lambda}{2\pi\varepsilon_0 r} \quad (r > a)$.

1.7.

$a)\ E_r = \dfrac{q}{4\pi\varepsilon_0 r^2} \quad (r > a)$; $b)\ E_r = \dfrac{1}{4\pi\varepsilon_0}\dfrac{q}{a^3} r \quad (r \le a)$.

1.8. $N_E = \dfrac{\lambda r^2}{2\varepsilon_0 a}\sin\beta = 565\,mW\cdot m.$

1.9. $E = \dfrac{q}{2\pi^2\varepsilon_0 R^2} = 0{,}10\,kW/m.$

1.10.

$E = \dfrac{\lambda_0 R^2}{4\varepsilon_0\left(R^2+x^2\right)^{3/2}}.$ $a)$ Eger $x=0$ bolsa, onda $E=\dfrac{\lambda_0}{4\varepsilon_0 R}$,

$b\,)$Eger $x >> R$, onda $E \approx \dfrac{p}{4\pi\varepsilon_0 x^3}$, bu ýerde $p=\pi R^2\lambda_0$.

1.11. $E = \dfrac{\sigma}{4\varepsilon_0} = 28{,}25\,W/m.$

1.12. $E = \dfrac{1}{4\pi\varepsilon_0}\sigma\Omega$ **.** Diskden uly uzaklykda $\left(\Omega = s/r^2\right)$

$E = \dfrac{\sigma s}{4\pi\varepsilon_0 r^2} -$ $q=\sigma s$ nokatlanç zarýadyň meýdany ýaly.

Diskiň merkeziniň ýakynlygynda $\left(\Omega = 2\pi\right)$ $E=\sigma/2\varepsilon_0$.

zarýadlanan, aşaky bolsa otrisatel zarýadlanan tekizlikleriň meýdanlaryna degişlidir.
Tekizlikleriň arasynda meýdanlaryň ugurlary birmeňzeşdir, şonuň üçin (3) aňlatma iki esse ulalar we tekizlikleriň arasyndaky jemleýji meýdan aşakdaka deň bolar:

$$E = \sigma/\varepsilon_0\,, \qquad (4)$$

bu ýerde $\sigma -$zarýadyň üst dykyzlygynyň modulydyr. Çyzgydan görnüşi ýaly tekizlikleriň daşynda, meýdan nola deňdir.

1.6. Berlen şertlerde simmetriýa nazaryndan meýdanyň radial häsiýetlidigi gelip çykýar, ýagny her bir nokatda $\vec{E}$ wektor silindriň okuna perpendikulýardyr, onuň moduly bolsa silindriň okuna çenli r aralyga baglydyr. Şonuň üçin ýapyk üsti koaksikal göni silindr görnüşde almaly (1.11-nji çyzgy).

Onda bu silindriň esaslaryndan $\vec{E}$ wektoryň akymy nola deňdir, gapdal üstünden bolsa $E_r 2\pi rh$ deňdir (bu ýerde E_r- radiusy r we beýikligi h bolan silindriň gapdal üstüne geçirilen $\vec{n}$ normala proýeksiýasydyr.

Gaussyň teoremasy boýunça $r > a$ şert üçin alarys:



$$E = \sigma/2\varepsilon_0 , \quad (2)$$

Has takygy bu aňlatmany aşakdaky ýaly ýazmaly:

$$E_n = \sigma/2\varepsilon_0 , \quad (3)$$

bu ýerde $E_n - \vec{E}$ wektoryň zarýadlanan tekizlige geçirilen normala proýeksiýasy ($\vec{n}$ wektor bu tekizlikden daşyna gönükdirilen).

Eger $\sigma > 0$ bolsa, E_n onda $E_n > 0$ we $\vec{E}$ wektor zarýadlanan tekizlige tarap gönükdirilen.

$\vec{E}$ wektoryň tekizlige çenli aralyga bagly däldigi degişli elektrik meýdanynyň birhillidigini görkezýär.

Alnan netije diňe tükeniksiz tekiz üst üçin dogrudyr. Diňe bu şertde ýokarda getirilen simmetriýa pikirinden peýdalanyp bolar. Bu netijäni deňölçegli zarýadlanan çäkli tekiz üstüň orta bölegi, üçin ulanmak mümkindir.

b) Bu meýdany her bir tekizlikleriň aýratynlykda döredýän meýdanlarynyň superpozisiýasy ýaly tapyp bolar (1.10-njy çyzgy).

Çyzgyda görkezilen ýokarky strelkalar položitel



1.13. $E = \dfrac{\lambda\sqrt{2}}{4\pi\varepsilon_0 y}$.

1.14. $N = 4\pi aR$.

1.15. $q = 2\pi R^2\alpha$, $E = \alpha/2\varepsilon_0$.

1.16. $\vec{E} = \rho\,\vec{a}/3\varepsilon_0$.

1.17. $\varphi = \dfrac{\sigma R}{\pi\varepsilon_0} = 1{,}8 kW$.

1.18. $E_a = \dfrac{-\alpha(y-6z)}{\sqrt{10}} \approx -6{,}0\alpha$.

1.19. $\rho = -6a\varepsilon_0$.

1.20. $A' = \dfrac{q_1 q_2}{4\pi\varepsilon_0}\left(\dfrac{1}{r_2} - \dfrac{1}{r_1}\right) = 180 mkJ$.

1.21. $A = pE(\cos\alpha_0 - \cos\alpha)$

Sagat strelkasy boýunça öwürmekde daşky güýçleriň edýän işi $A = pE(\cos\alpha_0 - \cos\alpha_1) = -2{,}19\cdot 10^{-5} J$.

Sagat strelkasyna garşy öwürmekde daşky güýçleriň edýän işi $A = pE(\cos\alpha_0 - \cos\alpha_2) = 3\cdot 10^{-5} J$.

1.22. $E = \dfrac{p}{4\pi\varepsilon_0 \varepsilon\, r^3}\sqrt{1+3\cos^2\alpha} = 47{,}6\,W/m.$

$$\varphi = \frac{p}{4\pi\varepsilon_0\, r^2}\cos\alpha = 1{,}8\,W.$$

1.23. $F = \dfrac{1}{2\pi\varepsilon_0}\dfrac{3p^2}{\ell^4} = 2{,}1\cdot 10^{-16}\,N.$

1.24. $\vec{P} = \dfrac{\varepsilon - 1}{\varepsilon}\dfrac{q}{4\pi\, r^3}\vec{r}. \quad q' = -\dfrac{\varepsilon - 1}{\varepsilon}q.$

1.25. $\vec{P} = \dfrac{1}{4\pi\alpha}\dfrac{q}{r^2}.$

1.26. $a)\, E(r<a) = 0, \quad E(r>a) = \dfrac{D}{\varepsilon\varepsilon_0};$

$$b)\, E = \frac{\rho}{3\varepsilon_0\varepsilon}\frac{r^3 - a^3}{r^2}.$$

1.27. $a)\, r \le 0, \quad E = \dfrac{D}{\varepsilon\varepsilon_0} = \dfrac{\rho}{3\varepsilon\varepsilon_0}r;$

$$r \ge 0, \quad E = \frac{D}{\varepsilon_0} = \frac{\rho R^3}{3\varepsilon_0}\frac{1}{r^2};$$

$$b)\, \sigma' = \frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon}\frac{\rho R}{3}, \quad \rho' = -\frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon}\rho.$$

$$\frac{1}{\sqrt{1+\left(\dfrac{a}{z}\right)^2}} = \frac{1}{2} \quad \text{ýa-da}$$

$$1 + \frac{a^2}{z^2} = 4 \quad \text{ýa-da} \quad \frac{a^2}{z^2} = -3$$

Şeýlelikde

$$|\, z \,| = \frac{a}{\sqrt{3}}.$$

1.5. *a*) Zarýadyň paýlanmasynyň simmetriýasyna laýyklykda elektrik meýdanynyň güýjenmesiniň $\vec{E}$ wektory zarýadlanan tekizlige perpendikulýar bolmaly. Mundan başga, bu tekizlige görä simmetrik nokatlarda $\vec{E}$ wektorlar modullary boýunça birmeňzeşdirler ugurlary boýunça bolsa garşylyklydyrlar. Şunuň ýaly meýdanyň konfigurasiýasyny kanagatlandyrmak üçin ýapyk üst hökmünde 1.9-njy çyzgyda görkezilen göni silindri saýlap almaly. Goý, bu silindrde $\sigma > 0$ bolsun.

Silindriň gapdal üstünden $\vec{E}$ wektoryň akymy nola deňdir, şonuň üçin silindriň ähli üstünden doly akym $2E\Delta s$ bolar (bu ýerde Δs-silindriň esaslarynyň meýdanydyr). Silindriň içinde zarýad $\sigma\Delta s$ deňdir. Gaussyň teoremasyna laýyklykda

$$2E\Delta s = \sigma\,\Delta s/\varepsilon_0, \quad ($$

bu ýerden



1.9-njy çyzgy.

$$E = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0} 2\pi\sigma\, z \int_0^a \frac{RdR}{\left(R^2 + z^2\right)^{3/2}} \ bolar \qquad (2)$$

(2) aňlatma girýän integraly hasaplalyň. $R^2 + z^2 = t^2$ bilen belgiläp, alarys

$2tdt = 2RdR; \quad tdt = RdR$, onda

$$\int_0^a \frac{RdR}{\left(R^2 + z^2\right)^{3/2}} = \int_0^a \frac{tdt}{t^3} = \int_0^a \frac{dt}{t^2} = -\frac{1}{t}\bigg|_0^a = -\frac{1}{\left(z^2 + R^2\right)^{1/2}}\Bigg|_0^a =$$

$$= -\frac{1}{\sqrt{z^2 + a^2}} + \frac{1}{z} = \frac{1}{z} - \frac{1}{\sqrt{z^2 + a^2}}.$$

Onda

$$E = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0} 2\pi\sigma \left(\frac{z}{z} - \frac{z}{\sqrt{z^2 + a^2}} \right) = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0} 2\pi\sigma \left[1 - \frac{1}{\sqrt{1 + \left(\frac{a}{z}\right)^2}} \right] \qquad (3)$$

Meseläniň şertini kanagatlandyrmak üçin (3) aňlatmada

$$\left[1 - \frac{1}{\sqrt{1 + \left(\frac{a}{z}\right)^2}} \right] = \frac{1}{2} \quad \text{bolmaly}$$

Bu ýerden

1.28. $E = \left(E_0/\varepsilon\right)\sqrt{\cos^2\alpha_0 + \varepsilon^2 \sin^2\alpha_0} \approx 5{,}2W/m.$

$$\frac{E}{E_0} = \sqrt{\sin^2\alpha_0 + \frac{\cos^2\alpha_0}{\varepsilon^2}} < 1$$

$$\sigma' = \varepsilon_0 \left(1 - \frac{1}{\varepsilon}\right) E_0 \cos\alpha_0 \approx 64\ pKl/m^2.$$

1.29. $a)\, \sigma' = -\frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon + 1}\frac{q\ell}{2\pi r^3}$, $\ell \to 0$ halatda $\sigma' \to 0$;

$$b)\, q' = -\frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon + 1} q.$$

1.30. $D = \frac{\varepsilon q}{2\pi(1+\varepsilon)r^2}$, $E = \frac{q}{2\pi(1+\varepsilon)\varepsilon_0 r^2}$.

$$\varphi = \frac{q}{2\pi(1+\varepsilon)\varepsilon_0 r}.$$

I.5. Çözüwler

1.1. Superpozisiýa prinsipine laýyklykda gözlenilýän nokatda elektrik meýdanynyň $\vec{E}$ güýjenmesi her bir zarýadyň aýratynlykda döredýän meýdanlarynyň $\vec{E}_1$ we $\vec{E}_2$ güýjenmeleriniň geometrik jemine deňdir:

$$\vec{E} = \vec{E}_1 + \vec{E}_2$$

Berlen şertde q_1 zarýadyň döredýän elektrik meýdanynyň güýjenmesi

$$E_1 = \frac{q_1}{4\pi\varepsilon_0 r_1^2}, \qquad (1)$$

ikinji zarýadyňky bolsa

$$E_2 = \frac{q_2}{4\pi\varepsilon_0 r_2^2}, \qquad (2)$$

1.2. $\vec{E}_1$ wektor q_1 zarýaddan daşyna gönükdirilen, (1.6-njy çyzgy); $\vec{E}_2$ wektor bolsa q_2 zarýada tarap gönükdirilendir.

$\vec{E}_1$ wektoryň modulyny kosinuslar teoremasy boýunça tapyp bolar:

$$E = \sqrt{E_1^2 + E_2^2 + 2E_1 E_2 \cos\alpha}, \quad (3)$$

bu ýerde $\alpha - \vec{E}_1$ we $\vec{E}_2$ wektorlaryň arasyndaky burç.

$$\cos\varphi = \frac{OC}{AC} = \frac{OC}{r} = \frac{\sqrt{r^2 - R^2}}{r}.$$

Bu aňlatmany (2) deňlikde goýup, alarys:

$$E = \frac{\lambda\sqrt{r^2 - R^2}}{4\pi\varepsilon_0 r^3} \cdot 2\pi R = \frac{\lambda R\sqrt{r^2 - R^2}}{4\varepsilon_0 r^3} \qquad (3)$$

$$E = \frac{10\cdot 10^{-9}\cdot 0{,}08\sqrt{(0{,}1)^2 - (0{,}08)^2}}{2\cdot 8{,}85\cdot 10^{-12}(0{,}1)^3} W/m = \frac{24\cdot 10^{-12}\cdot 10^3}{8{,}85\cdot 10^{-12}} W/$$

$$= 2{,}71\cdot 10^3\, W/m = 2{,}71 kW/m$$

(3) aňlatmada $\lambda = q/2\pi R$, $\sqrt{r^2 - R^2} = z$, $r = \left(R^2 + z^2\right)^{1/2}$, hasaba alyp ony başga görnüşde ýazyp bolar:

$$E = \frac{q\cdot R\cdot z}{2\varepsilon_0\cdot 2\pi R\left(R^2 + z^2\right)^{3/2}} = \frac{q}{4\pi\varepsilon_0}\frac{z}{\left(R^2 + z^2\right)^{3/2}}.$$

Käbir meselelerde bu formuladan peýdalanmak zerurdyr.

1.4. Radiusy R we ini dR bolan diskiň elementar halkasynyň döredýän meýdanynyň güýjenmesi

$$dE_z = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0} 2\pi\sigma R dR \frac{z}{\left(R^2 + z^2\right)^{3/2}}, \qquad (1)$$

(1.3 meseläniň çözüwine serediň):

bu ýerde $2\pi\sigma R dR$ - elementar halkanyň üstüniň meýdany.

Jemleýji meýdanyň güýjenmesi

$$E \approx \frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 x^2},$$

1.3. Halkada A nokadyň töwereginde $d\ell$ elementi alalyň (1.8-nji çyzgy). dq zarýadyň döredýän elektrik meýdanynyň güýjenmesi

$$dE = \frac{dq}{4\pi\varepsilon_0 r^2} \quad \text{ýa} - \text{da} \quad dE = \frac{\lambda d\ell}{4\pi\varepsilon_0 r^2} \qquad (1)$$



1.8-nji çyzgy.

$d\vec{E}$ wektoryny iki düzüjä: halkanyň tekizligine geçirilen normal boýunça $d\vec{E}_1$ dargadalyň we tekizlige parallel bolan $d\vec{E}_z$ düzüjä.

Bu düzüjileri halkanyň hemme elementleri üçin jemläliň.

Şunlukda halkanyň tekizligine parallel bolan düzüjileriň jemi nola deň bolar. Normal düzüjileriň jemi aşakdaky integral bilen aňladylýar:

$$E = dE\cos\varphi = \frac{\lambda\cos\varphi}{4\pi\varepsilon_0 r^2}\int_0^{\ell} d\ell \qquad (2)$$

Çyzgydan görnüşi ýaly,



1.6-njy çyzgy.

Bu burçy taraplary r_1, r_2 we d bolan OAB üçburçlukdan tapyp bolar.

$$d^2 = r_1^2 + r_2^2 + 2r_1 r_2 \cos\alpha,$$

bu ýerden

$$\cos\alpha = \frac{d^2 - r_1^2 - r_2^2}{2r_1 r_2} \qquad (4)$$

(1) we (2) formulalardan E_1 we E_2 ululyklaryň bahalaryny (3) formulada goýup, alarys:

$$E = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\sqrt{\frac{q_1^2}{r_1^4} + \frac{q_2^2}{r_2^4} + 2\frac{q_1 q_2}{r_1^2 r_2^2}\cos\alpha}\,, \qquad (5)$$

ýa-da (4) formulanyň esasynda

$$E = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\sqrt{\frac{q_1^2}{r^4} + \frac{q_2^2}{r^4} + 2\frac{q_1 q_2}{r_1^2 r_2^2}\left(\frac{d^2 - r_1^2 - r_2^2}{2r_1 r_2}\right)} \qquad (6)$$

(6) formulada ululyklaryň san bahalaryny goýup, taparys:

$$E=\frac{1}{4\cdot 3{,}14\cdot 8{,}85\cdot 10^{-12}}\sqrt{\frac{\left(3\cdot 10^{-8}\right)^2}{\left(0{,}15\right)^4}+\frac{\left(10^{-8}\right)^2}{\left(0{,}1\right)^4}+2\frac{3\cdot 10^{-8}\cdot 10^{-8}}{\left(0{,}15\right)^2\left(0{,}1\right)^2}\left[\frac{\left(20\right)^2-\left(15\right)^2-\left(10\right)^2}{2\cdot 15\cdot 10}\right]}=$$

$$=0{,}9\cdot 10^{10}\sqrt{1{,}8\cdot 10^{-12}+\cdot 10^{-12}+0{,}66\cdot 10^{-12}}\;N/Kl=0{,}9\cdot 10^{10}\sqrt{3{,}46\cdot 10^{-12}}\;N/Kl=$$

$$=0{,}9\cdot 10^{10}\cdot 1{,}86\cdot 10^{10}\;N/Kl==1{,}67\cdot 10^{4}\;N/Kl=1{,}67\cdot 10^{4}\;W/m.$$

1.2. Meseledäki berlen şertlerde $\vec{E}$ wektoryň ugry 1.7-nji çyzgyda görkezilişi ýaly bolmaly. Sapagyň *dq* zarýadly *dℓ* elementiniň dE_x düzüjisi deňdir:



1.7-nji

$$dE_x=dE\cos\alpha \quad (1)$$

Bu ýerden (1.2) formuladan peýdalanyp, alarys:

$$dE=\frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{dq}{r^2}=\frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{\lambda\,d\ell}{r^2} \quad (2)$$

Onda

$$dE_x=\frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{\lambda\,d\ell}{r^2}\cos\alpha, \quad (3)$$

bu ýerde $\lambda=q/2\ell$ – zarýadyň çyzykly dykyzlygy.

Çyzgydan görnüşi ýaly, $d\ell\cos\alpha=rd\alpha$ we $r=x/\cos\alpha$, şonuň üçin

$$dE_x=\frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{\lambda r\,d\alpha}{r^2}=\frac{\lambda\,d\alpha}{r}=\frac{\lambda\cos\alpha\,d\alpha}{r\cos\alpha}=\frac{1}{4\pi\varepsilon_0 x}\cos\alpha\,d\alpha \quad (4)$$

Meýdanyň $\vec{E}$ güýjenmesini tapmak üçin (4) aňlatmany iki esse ulaldyp, $0-$dan α_0 çenli ($\alpha_0-\alpha$ burçuň maksimal bahasy) integrirlemeli:

$$E=\frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 x}\cdot 2\int_0^{\alpha_0}\cos\alpha\,d\alpha=\frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 x}2\sin\alpha_0 \quad (5)$$

Bu ýerde $\sin\alpha_0=\ell/\sqrt{\ell^2+x^2}$ we onda

$$E=\frac{q/2\ell}{4\pi\varepsilon_0 x}2\frac{\ell}{\sqrt{\ell^2+x^2}}=\frac{q}{4\pi\varepsilon_0 x\sqrt{\ell^2+x^2}} \quad (6)$$

a) Sapagyň uzynlygy tükeniksiz bolsa, onda (4) aňlatmadan taparys:

$$E=\frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 x}\int_{-\pi}^{+\pi}\cos\alpha\,d\alpha=\frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 x}\sin\alpha\Big|_{-\pi}^{+\pi}=\frac{2\lambda}{4\pi\varepsilon_0 x}=\frac{\lambda}{2\pi\varepsilon_0 x}$$

b) $x>>\ell$ bolanda, (6) aňlatmadan alarys:

1.19. Ilki meýdanyň güýjenmesini tapalyň.

(1.13) formulanyň esasynda

$$E_r = -\frac{\partial \varphi}{\partial r} = -2ar \qquad (1)$$

Soňra Gaussyň teoremasyndan peýdalanyp, $4\pi r^2 E_r = q/\varepsilon_0$ ýazyp bolar: Bu aňlatmanyň differensialy

$$4\pi d\left(r^2 E_r\right) = \frac{1}{\varepsilon_0} dq = \frac{1}{\varepsilon_0}\rho d\left(\frac{4}{3}\pi r^3\right) = \frac{1}{\varepsilon_0}\rho 4\pi r^2 dr, \qquad (2)$$

bu ýerde

dq – radiuslary r we r+dr bolan iki sferanyň arasyndaky zarýad.

Bu ýerden

$$r^2 dE_r + 2rE_r dr = \frac{1}{\varepsilon_0}\rho r^2 dr, \qquad \frac{\partial E_r}{\partial r} + \frac{2}{r}E_r = \frac{\rho}{\varepsilon_0} \qquad (3)$$

(1) aňlatmany soňky deňlemede goýup, alarys:

$$-2a + \frac{2}{r}(-2ar) = \frac{\rho}{\varepsilon_0}$$

ýa-da

$$-2a - 4a = \rho/\varepsilon_0, \quad \text{bu ýerden}$$

$\rho = -6a\varepsilon_0$, ýagny şaryň içindäki zarýad deňölçegli paýlanan.

bu ýerde E_r – sferanyň üstüne, geçirilen $\vec{n}$ normala $\vec{E}$ wektoryň proýeksiýasydyr. Zarýadyň alamaty E_r-iň alamatyny kesgitleýär.

Eger $r < a$ bolsa, onda ýapyk üstüň içinde zarýad ýok, şonuň üçin $E = 0$. Sferanyň daşynda meýdan edil nokatlanç zarýadynky ýaly r^2-a ters bagly kanun boýunça kemelýär.

b) Munuň ýaly ulgamyň meýdany hem merkezi – simmetrikdir, şonuň üçin bu ýerde hem meýdany tapmak üçin ýapyk üst hökmünde konsentrik sferany almaly. Şaryň daşynda netije öňki mysaldaky ýaly bolar, ýagny

$$E_r = \frac{q}{4\pi\varepsilon_0 r^2} \quad (r > a) \qquad (1)$$

Şaryň içinde netije başgaça bolar.

Radiusy $r < a$ bolan sfera $q' = q\left(r/a\right)^2$ zarýady gurşap alýar, sebäbi biziň şertimizde zarýadlar degişli göwrümler ýaly, göwrümler bolsa radiuslaryň kublary ýaly gatnaşýarlar. Şonuň üçin Gaussyň teoremasyna laýyklykda

$$E_r \cdot 4\pi r^2 = \frac{1}{\varepsilon_0} q\left(\frac{r}{a}\right)^3, \quad \text{bu ýerden}$$

$$E_r = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{q}{a^3} r \quad (r \le a), \qquad (2)$$

ýagny deňölçegli zarýadlanan şaryň içinde güýjenme onuň merkezinden *r* aralyga çyzykly artýar. Meýdanyň güýjenmesiniň *r* aralyga baglylygy 1.12-nji çyzgyda görkezilen.



1.8. Tükeniksiz deňölçegli zarýadlanan sapagyň döredýän meýdany birhilli däl. Bu ýagdaýda güýjenme wektorynyň akymy aşakdaky integral bilen aňladylýar:

$$N_E = \int_S E_n ds, \qquad (1)$$

bu ýerde $E_n - ds$ üste $\vec{n}$ normala $\vec{E}$ wektoryň proýeksiýasy. Güýjenme wektorynyň E_n proýeksiýasy $\vec{E}$ wektoryň modulynyň bu wektor bilen $\vec{n}$ normalyň arasyndaky burçunyň kosinusyna köpeltmek hasylyna deňdir (1.13-nji çyzgy).

$$E_n = E\cos\alpha$$



1.13-nji çyzgy.

Muny nazara alyp, (1) formuladan alarys:

$$N_E = \int_S E\cos\alpha \, ds \qquad (2)$$

Meýdançanyň radiusynyň ululygy sapaga çenli aralykdan kiçi bolandygy üçin $(r << a)$,

$$\int_{\pi/2}^{0} \theta\sin\theta d\theta = -\theta\cos\theta\Big|_{\pi/2}^{0} + \int_{\pi/2}^{0}\cos\theta d\theta =$$

$$= -\theta\cos\theta\Big|_{\pi/2}^{0} + \sin\theta\Big|_{\pi/2}^{0} = -1.$$

Netijede (1) formuladan alarys:

$$\varphi = \frac{\sigma R}{\pi\varepsilon_0} \qquad (2)$$

(2) formulada ululyklaryň san bahalaryny goýup, taparys:

$$\varphi = \frac{0{,}25\cdot 10^{-6}\cdot 20\cdot 10^{-2}}{3{,}14\cdot 8{,}85\cdot 10^{-12}} W = 1{,}8\cdot 10^3 W = 1{,}8 kW.$$

1.18. Ilki $\vec{E}$ wektory tapalyň

$$\vec{E} = -\overrightarrow{\nabla\varphi} = -\alpha\left(y\vec{i} + x\vec{j} - 2z\vec{k}\right)$$

Gözlenýän proýeksiýa

$$E_a = \vec{E}\frac{\vec{a}}{a} = \frac{--\alpha\left(y\vec{i} + x\vec{j} - 2z\vec{k}\right)\left(\vec{i} + 3\vec{k}\right)}{\sqrt{1^2 + 3^2}} = \frac{-(y-6z)\alpha}{\sqrt{10}}.$$

M nokatda

$$E_a = \frac{-(1+18)\alpha}{\sqrt{10}} = -\frac{19\alpha}{\sqrt{10}} \approx -6{,}0\alpha.$$

Haçan-da, bir şar tutuşlygyna beýleki şaryň içinde bolanda-da alnan netije dogrudyr. Başgaça aýdylanda, şaryň içinde sferiki boşluk bolsa, onda onuň içinde meýdan birhillidir (1.22-nji çyzgy).



1.21-nji çyzgy.



1.22-nji çyzgy.

1.17. Kesgitlemä görä, zarýad üst boýunça paýlanan ýagdaýynda potensial (1.12) integraldan tapylýar. Integrirlemäni ýönekeýleşdirmek üçin ds meýdança hökmünde radiusy r we ini dr bolan halkanyň bölegini alalyň (1.23-nji çyzgy). Onda $ds = 2\theta dr, \quad r = 2R\cos\theta, \quad dr = -2R\sin\theta d\theta$. Bu aňlatmalary

$$\varphi = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\int\frac{\sigma ds}{r}$$

integralda goýup, O nokatda potensial φ üçin alarys:

$$\varphi = -\frac{\sigma}{4\pi\varepsilon_0}\int_{\pi/2}^{0}\frac{2\theta\cdot 2R\cos\theta\cdot 2R\sin\theta d\theta}{2R\cos\theta} = -\frac{\sigma}{\pi\varepsilon_0}\int_{\pi/2}^{0}\theta\sin\theta d\theta \qquad (1)$$

Integrirlemäni bölekler boýunça geçireliň.

$\theta = u, \quad \sin\theta d\theta = d\vartheta$ bilen belgiläliň. Onda



meýdançanyň çäginde elektrik meýdanyny birhilli diýip almak mümkin.

Diýmek, meýdançanyň çäginde $\vec{E}$ wektory ululygy we ugry boýunça örän az üýtgeýär, onda integralyň aşagyndaky E we $\cos\alpha$ bahalary olaryň $<E>$ we $<\cos\alpha>$ orta bahalary bilen çalyşyp, olary integralyň daşyna çykaryp bolar.

Integrirlemäni ýerine ýetirip, hem-de $<E>$ we $<\cos\alpha>$ ululyklary olaryň meýdançanyň orta nokady üçin hasaplanan E_A we $\cos\alpha_A$ takmynan bahalary bilen çalyşyp, alarys:

$$N_E = E_A\cos\alpha_A S = \pi r^2 E_A\cos\alpha_A \qquad (3)$$

E_A güýjenme aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$E_A = \frac{\lambda}{2\pi\varepsilon_0 a} \qquad (4)$$

Çyzgydan:

$$\cos\alpha_A = \cos(\pi/2-\beta) = \sin\beta \ \textit{gelip}, \textit{çykýar} \quad ($$

(4) we (5) aňlatmalaryň esasynda (3) deňlik aşakdaky görnüşe eýe bolar.

$$N_E = \frac{\pi r^2\lambda}{2\pi\varepsilon_0 a}\sin\beta$$

ýa-da

$$N_E = \frac{\lambda r^2}{2\varepsilon_0 a}\sin\beta \qquad (6)$$

Meseledäki berlen ululyklaryň bahalaryny soňky aňlatmada goýup, taparys:

$$N_E = \frac{4\cdot 10^{-8}\left(10^{-2}\right)^2}{2\cdot 8{,}85\cdot 10^{-12}\cdot 0{,}2}\cdot 0{,}5W\cdot m = 0{,}565W\cdot m = 565\,mW\cdot m.$$

1.9. Simmetriýa sebäpli $\vec{E}$ wektor 1.14-nji çyzgyda görkezilişi ýaly, gönükdirilen bolmaly. Çyzgydan görnüşi ýaly, ýarymhalkanyň $d\ell$ elementi O nokatda $d\vec{E}$ meýdanyny döredýär. Eger $d\ell$ elementiniň zarýadyny $dq = \lambda d\ell$ bilen belgilesek, onda onuň O nokatda döredýän elektrik meýdanynyň güýjenmesi

$$d\vec{E} = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{\lambda d\ell}{R^2}, \qquad (1)$$



bu ýerde $\lambda = q/\pi R -$ zarýadyň dykyzlygy.

$\vec{E}$ wektoryň ugruna $d\vec{E}$ wektoryň proýeksiýasy

1.14-nji çyzgy.

$$dE_1 = dE\cos\alpha = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{\lambda d\ell}{R^2}\cos\alpha \qquad (2)$$

ýa-da

Eger skobkadaky aňlatma nola deň bolsa, onda elektrik meýdanynyň E güýjenmesi r aralyga bagly bolmaly däl.

Onda

$$q = 2\pi R^2\alpha \quad \text{we} \quad E = \alpha/2\varepsilon_0\,.$$

1.16. Gaussyň teoremasynyň kömegi bilen deňölçegli zarýadlanan şaryň içinde elektrik meýdanynyň güýjenmesini tapyp bileris:

$$\vec{E} = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{q\cdot\vec{r}}{r^3} = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{\rho\cdot V\cdot\vec{r}}{r^3}, \qquad (1)$$

bu ýerde $V = \frac{4}{3}\pi r^3 -$ şaryň göwrümi,

$\vec{r} -$ garalýan nokadyň radius-wektory.

Onda

$$\vec{E} = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{\rho\cdot 4\pi r^3\cdot\vec{r}}{3r^3} = (\rho/3\varepsilon_0)\vec{r} \qquad (2)$$

Şarlaryň kesişme giňişligindäki meýdanyna iki deňölçegli zarýadlanan şarlaryň meýdanlarynyň superpopzisiýasy ýaly seretmek bolar.

Onda bu giňişligindäki A erkin nokatda (1.21-nji çyzgy).

$$\vec{E} = \vec{E}_+ + \vec{E}_- = \rho(\vec{r}_+ - \vec{r}_-)/3\varepsilon_0 = \rho\vec{a}/3\varepsilon_0 \qquad (3)$$

Şeýlelikde, şarlaryň kesişme giňişliginde meýdan birhilidir.

şonuň ýaly radiusly we beýikligi 2R bolan 1.20-nji çyzgyda görkezilişi ýaly ýerlesen silindriň gapdal üstünden akyma deňdir. Onda

$$N = q/\varepsilon_0 = \oint \vec{E}d\vec{s} = E_r S, \qquad (1)$$

bu ýerde $E_r = a/R$ we $S = 2\pi R \cdot 2R = 4\pi R^2$

Soňky ululyklaryň bahalaryny (1) formulada goýup, alarys:

$$q/\varepsilon_0 = \frac{a}{R}\cdot 4\pi R^2 = 4\pi aR,$$

ýa-da

$$q = 4\pi\varepsilon_0 aR \qquad (2)$$

Şeýlelikde,

$$N = 4\pi aR.$$



1.20-nji çyzgy.

1.15. Goý, sferanyň gözlenilýän zarýady q deň bolsun, onda Gaussyň teoremasyndan peýdalanyp, radiusy r bolan sferiki üst üçin ýazyp bolar

$$E\cdot 4\pi r^2 = \frac{q}{\varepsilon_0} + \frac{1}{\varepsilon_0}\int_R^r 4\pi r^2 dr \qquad (1)$$

(1) Bu ýerden:

$$E\cdot 4\pi r^2 = \frac{q}{\varepsilon_0} + \frac{4\pi\alpha r^2}{2\varepsilon_0} - \frac{2\pi\alpha R^2}{\varepsilon_0} = \left(q - 2\pi\alpha R^2\right)/\varepsilon_0 + 4\pi\alpha r^2/2\varepsilon_0$$

.

$$dE_1 = \frac{1}{4\pi\,\varepsilon_0}\frac{q}{\pi RR^2}d\ell\cos\alpha \qquad (3)$$

Çyzgydan görnüşi ýaly, $d\ell = Rd\alpha$, onda

$$dE_1 = \frac{1}{4\pi\,\varepsilon_0}\frac{qR}{\pi RR^2}\cos\alpha\, d\alpha = \frac{1}{4\pi\,\varepsilon_0}\frac{q}{\pi R^2}\cos\alpha\, d\alpha \qquad (4)$$

Bu aňlatmany integrirläp, taparys:

$$E = \frac{q}{4\pi^2\varepsilon_0 R^2}\int_{-\frac{\pi}{2}}^{+\frac{\pi}{2}}\cos\alpha d\alpha = \frac{q}{4\pi^2\varepsilon_0 R^2}\sin\alpha\Big|_{-\frac{\pi}{2}}^{+\frac{\pi}{2}} = \frac{q}{4\pi^2\varepsilon_0 R^2}\cdot 2 =$$

(5) formulada ululyklaryň san bahalaryny goýup, taparys:

$$E = \frac{0{,}7\cdot 10^{-9}}{2\cdot(3{,}14)^2\cdot 8{,}85\cdot 10^{-12}\cdot(0{,}2)^2}W/m = \frac{0{,}7\cdot 10^3}{6{,}98}W/m = 0{,}10\,kW$$

1.10. *a*)Zarýadyň berlen paýlanyşy 1.15-nji çyzgyda görkezilen. Bu paýlanyşyň simmetriýasyndan *O* nokatda $\vec{E}$ wektoryň ugryny tapyp bolar. Görnüşi ýaly, $\vec{E}$ wektor sag tarapa gönükdirilen, bu wektoryň moduly bolsa dq elementar zarýadlardan dörän $d\vec{E}$ wektorlaryň $\vec{E}$ ugruna proýeksiýalarynyň jemine deňdir. $\vec{E}$ wektora $d\vec{E}$ wektorlaryň proýeksiýalary aşakdaky deňlikden tapylýar:

$$dE\cos\varphi = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{dq}{R^2}\cos\varphi, \qquad (1)$$

bu ýerde $dq = \lambda R d\varphi = \lambda_0 R\cos\varphi\, d\varphi$.

(1) aňlatmany φ boýunça 0-dan 2π çenli integrirläp, $\vec{E}$ wektoryň modulyny taparys:

$$E = \frac{\lambda_0}{4\pi\varepsilon_0 R}\int_0^{2\pi}\cos^2\varphi\, d\varphi \qquad (2)$$

Eger $\cos^2\varphi$ ululygyň orta bahasyny alsak, onda (2) aňlatmadaky integraly ýönekeý usul bilen hasaplap bolar, Belli bolşy ýaly $<\cos^2\varphi> = \frac{1}{2}$. Onda

$$\int_0^{2\pi}\cos^2\varphi\, d\varphi = <\cos^2\varphi> 2\pi = \frac{1}{2}\cdot 2\pi = \pi$$

we

$$E = \frac{\lambda_0}{4\pi\varepsilon_0 R}\cdot\pi = \frac{\lambda_0}{4\varepsilon_0 R} \qquad (3)$$

b) Halkanyň okunyň *A* nokadynda (1.16-njy çyzgy) $\vec{E}$ wektoryň modulyny tapmak üçin dürli atly zarýadlar bilen zarýadlanan ýarymhalkalaryň $d\ell$ elementlerini alalyň. Olaryň *A* nokatda döreden $d\vec{E}_1$ we $d\vec{E}_2$ elektrik meýdanlarynyň güýjenmeleriniň wektorlarynyň ugry 1.16-njy çyzgyda



1.15-nji çyzgy.

çenli çäklerde integrirläp, taparys:

$$dE_x = \frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 y}\int_0^{\pi/2}\sin\alpha\, d\alpha = \frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 y}\left(-\cos\alpha\right)\Big|_0^{\pi/2} = \frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 y} \qquad (3)$$

E_y proýeksiýany tapmak üçin (2) formulada $\sin\alpha$ ululygy $\cos\alpha$ bilen çalyşmak ýeterlikdir. Onda

$$dE_y = \frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 y}\cos\alpha\, d\alpha \qquad (4)$$

Bu aňlatmany integrirläp, taparys:

$$dE_y = \frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 y}\int_0^{\pi/2}\cos\alpha\, d\alpha = \frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 y}\sin\alpha\Big|_0^{\pi/2} = \frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 y} \qquad (5)$$

(3) we (5) aňlatmalardan görnüşi ýaly, $E_x = E_y$

$\vec{E}$ wektor sapaga 45^0 burç boýunça gönükdirilen.

$\vec{E}$ wektoryň moduly

$$E = \sqrt{E_x^2 + E_y^2} = \sqrt{\frac{\lambda^2}{(4\pi\varepsilon_0 y)^2} + \frac{\lambda^2}{(4\pi\varepsilon_0 y)^2}} = \frac{\lambda\sqrt{2}}{4\pi\varepsilon_0 y}.$$

1.14. Gaussyň teoremasyna laýyklykda, wakuumda gözlenilýän zarýad görkezilen sfera arkaly $\vec{E}$ wektoryň akymynyň dielektrik hemişeligine (E_o) köpeldilmegine deňdir. Berlen ýagdaýda akymy tapmak üçin oňa deňölçegli zarýadlanan sapagyň döredýän meýdanynyň akymy ýaly seretmeli, sebäbi berlen şertde $\vec{E}$ meýdan sferanyň merkezinden geçýän oka görä simmetrikdir. Şonuň üçin radiusy *R* bolan sferadan geçýän akym edil

$$E = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\sigma\,\Omega \qquad (2)$$

Diskden uly uzaklykda $\Omega = S/r^2$, bu ýerde S – diskiň tutýan meýdany.
Onda (2) aňlatmadan

$$E = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0 r^2}\sigma\,S = \frac{q}{4\pi\varepsilon_0 r^2}, \text{ gelip çykýar:}$$

O nokadyň ýakynlygynda bolsa Ω jisim burçy deňdir 2π we $E = \sigma/2\varepsilon_0$.

1.13. Meseläniň maksady $\vec{E}$ wektoryň E_x we E_y proýeksiýalaryny tapmakdan ybarat. (1.19-njy çyzgy, bu ýerde $\lambda > 0$ diýip çaklanan).
Ilki E_x proýeksiýany tapalyň. dx uçastokdaky zarýadyň elementiniň E_x proýeksiýa goşandy

$$dE_x = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{\lambda dx}{r^2}\sin\alpha \quad (1)$$

Bu aňlatmany integrirlemek üçin ony amatly görnüşe getireliň. Biziň ýagdaýymyzda

$$dx = r\,d\alpha/\cos\alpha,$$

$$r = y/\cos\alpha$$

Onda

$$dE_x = \frac{\lambda}{4\pi\varepsilon_0 y}\sin\alpha\,d\alpha \quad (2)$$

Bu aňlatmany α boýunça 0-dan $\pi/2$



1.19-njy çyzgy.

görkezilen. Eger $d\ell$ elementiň zarýadyny dq bilen belgilesek, onda $d\vec{E}_1$ we $d\vec{E}_2$ wektorlaryň $d\vec{E}$ jemleýji wektorynyň moduly

$$dE = 2dE_1\sin\alpha, \qquad (1)$$

bu ýerde

$$dE_1 = dE_2 = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{dq}{r^2},\ \sin\alpha = \frac{R}{r}.$$

Şonuň üçin

$$dE = 2\frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{dq}{r^2}\cdot\frac{R}{r} = \frac{dqR}{2\pi\varepsilon_0 r^3} \qquad (2)$$



Berlen şertlerde

$$dq = \lambda d\ell = \lambda_0\cos\varphi d\ell$$

1.16-nj

λ ululygyň minimal bahasy $\lambda_{\min} = 0$, maksimal bahasy bolsa $\lambda_{\max} = 1$, şonuň üçin

$$<\lambda> = \frac{\lambda_0}{2}, \quad \text{ýagny} \quad \lambda_0\cos\varphi = \frac{1}{2}.$$

Onda (2) formuladan alarys:

$$E = \frac{\lambda_0 R}{4\pi\varepsilon_0 r^3}\int_0^{\pi R} d\ell = \frac{\lambda_0 R\cdot\pi R}{4\pi\varepsilon_0 r^3} = \frac{\lambda_0 R^2}{4\varepsilon_0 r^3},$$

bu ýerde $r = \left(R^2 + x^2\right)^{1/2}$.
Şeýlelikde

$$E=\frac{\lambda_0 R^2}{4\varepsilon_0\left(R^2+x^2\right)^{3/2}} \qquad (3)$$

a) Eger $x=0$ bolsa, onda $E=\lambda_0/4\varepsilon_0 R.$

b) Eger $x>>R$ bolsa, onda (3) aňlatmadan

$$E\approx\frac{p}{4\pi\varepsilon_0 x^3}, \text{ gelip çykýar:} \qquad (4)$$

bu ýerde $p=\pi R^2\lambda_0$.

1.11. Ýarymsferany zarýady $dq=\sigma ds=2\pi r\sigma R d\varphi$ bolan tükeniksiz kiçi ýuka halkalara böleliň (1.17-nji çyzgy). Onda munuň ýaly halkanyň ýarymsferanyň merkezinde döredýän meýdanynyň dE güýjenmesi

$$dE=\frac{\sqrt{R^2-r^2}\,dq}{4\pi\varepsilon_0 R^3}=\frac{a\,dq}{4\pi\varepsilon_0 R^3}, \qquad (1)$$

(1.3 meseläniň çözüwine serediň):

bu ýerde $a=R\cos\varphi,\quad r=R\sin\varphi$.

(1) formulada dq we a ululyklaryň bahalaryny goýup, alarys:

$$dE=\frac{\sigma 2\pi R\sin\varphi\cdot R\cos\varphi\cdot Rd\varphi}{4\pi\varepsilon_0 R^3}=\frac{\sigma}{2\varepsilon_0}\sin\varphi\cos\varphi d\varphi \qquad (2)$$

(2) aňlatmany integrirläp, taparys:

$$E=\frac{\sigma}{2\varepsilon_0}\int_0^{\pi/2}\sin\varphi\cos\varphi d\varphi=$$

$$=\frac{\sigma}{2\varepsilon_0}\int_0^{\pi/2}\frac{\sin 2\varphi}{2}d\varphi=\frac{\sigma}{4\varepsilon_0}\int_0^{\pi/2}\sin 2\varphi d\varphi=$$

$$=-\frac{\sigma}{4\varepsilon_0}\cos 2\varphi\Big|_0^{\pi/2}=\frac{\sigma}{4\varepsilon_0}.$$

$$E=\frac{1\cdot 10^{-10}}{4\cdot 8{,}85\cdot 10^{-12}}W/m=28{,}25W/m$$



1.17-nji çyz

1.12. Simmetriýa nazaryndan diskiň okunda $\vec{E}$ wektor bu okuň ugry boýunça ugrukdyrylmaly (1.18-nji çyzgy). Şonuň üçin *ds* meýdançada zarýadyň elementiň *A* nokatdaky döredýän meýdanyň dE_z düzüjisini tapyp, alnan aňlatmany diskiň ähli üsti boýunça integrirlemeli. Çyzgydan görnüşi ýaly,

$$dE_z=\frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{\sigma\,ds}{r^2}\cos\theta \qquad (1)$$

Bu ýerde

$ds\cos\theta/r^2=d\Omega-$ *A* nokatdan

ds meýdançanyň görünýän jisim burçy.

Onda (1) aňlatmany aşakdaky ýalygörnüşe eýe bolar:

$$dE_z=\frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\sigma\,d\Omega$$

Bu ýerden gözlenilýän ululyk

1.18

Bizi gyzyklandyrýan nokadyň ýakynlygynda $\vec{E}$ wektoryň normal düzüjisine goşant diňe σ' üst zarýad berýär, şonuň üçin ýokarda ýazylan deňligi aşakdaky görnüşde ýazyp bolar:

$$\sigma'/2\varepsilon_0 = \varepsilon\left(-\sigma'/2\varepsilon_0\right) \qquad (1)$$



***E* meýdan** **D meýdan**

1.28-nji çyzgy.

(1) deňlemeden alynýar:

$$\sigma' = -\varepsilon\sigma'$$

$$\sigma'(1+\varepsilon) = 0, \quad \text{diýmek } \sigma' = 0.$$

Şeýlelikde, berlen halatda üst bagly zarýad ýokdur (*q* nokatlanç daşky zarýada gös-göni ýanaşan nokatlardan başga). Diýmek, gurşap alan giňişlikdäki elektrik meýdan $q+q'$ nokatlanç zarýadyň meýdanydyr we *E* diňe bu zarýada çenli *r* aralyga baglydyr. Ýöne q' zarýad bize belli däl, şonuň üçin $\vec{D}$ wektory üçin Gaussyň teoremasyndan peýdalanalyň. Ýapyk üst

1.20. q_1 birinji zarýad dynçlykda durýar, q_2 ikinji zarýad bolsa daşky güýçleriň täsirinde q_1 zarýadyň döreden meýdanynda süýşýär we $r_1 = 1{,}5m$ aralykdan 1 *m* aralyga çenli ýakynlaşýar.

A' daşky güýjüň q_1 zarýadyň potensialy φ_1 bolan nokadyndan potensialy φ_2 bolan nokadyna geçirmek üçin edýän işi şol nokatlaryň arasynda zarýady süýşürmek üçin meýdanyň eden *A* işine absolýut ululygy boýunça deň we alamaty boýunça garşylyklydyr:

$$A' = -A$$

Zarýady süýşürmek üçin meýdanyň eden *A* işi aşakdaky formula bilen aňladylýar:

$$A = q(\varphi_1 - \varphi_2) \qquad (1)$$

Onda A' daşky güýçleriň edýän işini aşakdaky görnüşde ýazyp bolar:

$$A' = -q_2\left(\varphi_1 - \varphi_2\right) = q_2\left(\varphi_2 - \varphi_1\right) \qquad (2)$$

Ýoluň başdaky we ahyrky nokatlarynyň potensiallary

$$\varphi_1 = \frac{q_1}{4\pi\varepsilon_0 r_1}, \qquad (3)$$

$$\varphi_2 = \frac{q_1}{4\pi\varepsilon_0 r_2}, \qquad (4)$$

formulalar bilen aňladylýar.

(3) we (4) aňlatmalary (2) formulada orunlaryna goýup alarys:

$$A' = \frac{q_1 q_2}{4\pi\varepsilon_0}\left(\frac{1}{r_2} - \frac{1}{r_1}\right) \qquad (5)$$

Bu aňlatmada san bahalary goýup, taparys:

$$A' = \frac{3\cdot 10^{-6}\cdot 2\cdot 10^{-8}}{4\cdot 3{,}14\cdot 8{,}85\cdot 10^{-12}}\left(\frac{1}{1}-\frac{1}{1{,}5}\right)J = 1{,}83\cdot 10^{-4}J = 180 mkJ$$

1.21. Başlangyç ýagdaýyndan (1.24-nji a çyzgy) dipoly $\beta = 30^0$ burça iki usul bilen öwürip bolar: ýa-ha sagat strelkasy boýunça $\alpha_1 = \alpha_0 - \beta = \frac{\pi}{3} - \frac{\pi}{6} = \frac{\pi}{6}$ (1.24-nji b çyzgy), ýa-da sagat strelkasyna garşy $\alpha_2 = \alpha_0 - \beta = \frac{\pi}{3} + \frac{\pi}{6} = \frac{\pi}{2}$ (1.24-nji ç çyzgy).



1.24-nji çyzgy.

Birinji ýagdaýda dipol meýdanyň täsiri astynda öwrülýär. Şonda daşky güýçleriň işi otrisateldir. Ikinji ýagdaýda bolsa bu iş položiteldir.

Dipoly $d\alpha$ burça öwürmek üçin dA elementar iş aşakdaky formuladan tapylar:

$$dA = Md\alpha = pE\sin\alpha\, d\alpha, \quad (1)$$

bu ýerde M – dipola täsir edýän güýjiň momenti.

Bu ýerde $\cos\theta = \frac{\ell}{r}$ hasaba alnan.

$\ell \to 0$ şertde $\sigma' \to 0$, ýagny eger q zarýad araçägiň özünde ýerleşen bolsa, onda tekizlikde üst zarýad ýokdur.

b) Araçägiň merkezinde (*O* nokatda) (1.27-nji çyzgy) inçe halka seredeliň. Goý, bu halkanyň daşky we içki radiuslary r' we $r' + dr'$ bolsun.

Berlen halkanyň çäginde üstdäki bagly zarýad $dq' = \sigma'\cdot 2\pi r' dr'$. Çyzgydan görnüşi ýaly, $r^2 = \ell^2 + r'^2$, bu ýerden $rdr = r'dr'$. Onda (2) deňligi hasaba alyp, dq' aňlatma üçin taparys:

$$dq' = -\frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon + 1}\frac{q\ell}{2\pi r^3}\cdot 2\pi r dr = -\frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon + 1} q\ell \frac{dr}{r^2}$$

Bu aňlatmany r boýunça ℓ-den ∞ çenli integrirläp, alarys:

$$q' = -\frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon + 1} d\ell \int_\ell^\infty \frac{dr}{r^2} = -\frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon + 1} d\ell \left(-\frac{1}{r}\right)\Big|_\ell^\infty = -\frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon + 1} q.$$

1.31. Berlen halatda $\vec{D}$ wektoryň normal düzüjisiniň üznüksizlik şertinden $E_{2n} = \varepsilon E_{1n}$ gatnaşyk gelip çykýar.

Onda

$$\sigma' = \varepsilon_0\left(1-\frac{1}{\varepsilon}\right)E_0\cos\alpha_0 \qquad (3)$$

$$\sigma' = 8{,}85\cdot10^{-12}\left(1-\frac{1}{6}\right)10\cos30^0 W/m^2 = 8{,}85\cdot10^{-12}\cdot\frac{5}{6}\cdot10\cdot\frac{\sqrt{3}}{2}W/m^2 =$$

$$= \frac{765}{12}\cdot10^{-12}W/m^2 \approx 64\,pKl/m^2$$

1.29. a) Iki dielektrigiň araçäginde $\vec{D}$ wektoryň normal düzüjisiniň üznüksizliginden peýdalanalyň (1.27-nji çyzgy):

$$D_{2n} = D_{1n}, \quad E_{2n} = \varepsilon E_{1n}$$

ýa-da

$$-\frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{q}{r^2}\cos\theta + \frac{\sigma'}{2\varepsilon_0} = \varepsilon\left(-\frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{q}{r^2} - \frac{\sigma'}{2\varepsilon_0}\right), \qquad (1)$$

bu ýerde $\sigma'/2\varepsilon_0$ –

(1) deňlemeden

$$\sigma' = -\frac{\varepsilon-1}{\varepsilon+1}\frac{q\ell}{2\pi r^3} \text{ gelip çykýar:} \qquad (2)$$



1.27-nji

Dipolyň α_0-dan α burça çenli öwrülende edilen doly iş

$$A = \int_{\alpha_0}^{\alpha} pE\sin\alpha\,d\alpha = pE\int_{\alpha_0}^{\alpha}\sin\alpha\,d\alpha \qquad (2)$$

Bu ýerden:

$$A = -pE(\cos\alpha - \cos\alpha_0) = pE(\cos\alpha_0 - \cos\alpha) \qquad (3)$$

Dipolyň sagat strelkasy boýunça öwrülende daşky güýçleriň işi

$$A = -pE(\cos\alpha_0 - \cos\alpha_1) = 2\cdot10^{-9}\cdot3\cdot10^4\left(\cos\frac{\pi}{3} - \cos\frac{\pi}{6}\right)j$$

$$= 6\cdot10^{-5}\left(1/2 - \sqrt{3}/2\right)j = -2{,}19\cdot10^{-5}\,j.$$

Dipol sagat strelkasyna garşy öwrülende daşky güýçleriň işi

$$A = pE(\cos\alpha_0 - \cos\alpha_2) = 2\cdot10^{-9}\cdot3\cdot10^4\left(\cos\frac{\pi}{3} - \cos\frac{\pi}{2}\right)j =$$

$$= 6\cdot10^{-5}\left(1/2 - 0\right) = 3\cdot10^{-5}\,j.$$

1.22. Umumy ýagdaýynda nokatlanç dipolyň döredýän meýdany aşakdaky formuladan tapylýar:

$$E=\frac{p}{4\pi\varepsilon_0\varepsilon r^3}\sqrt{1+3\cos^2\alpha},$$

bu ýerde ε - gurşawyň dielektrik syzyjylygy.

Wakuum üçin $\varepsilon=1$, onda

$$E=\frac{p}{4\pi\varepsilon_0 r^3}\sqrt{1+3\cos^2\alpha}, \qquad (1)$$

Nokatlanç dipolyň bizi gyzyklandyrýan nokatda döredýän meýdanynyň potensialy

$$\varphi=\frac{p}{4\pi\varepsilon_0 r^2}\cos\alpha \qquad (2)$$

(1) we (2) formulalarda meseledäki berlen ululyklaryň san bahalaryny goýup, alarys:

$$E=\frac{4\cdot10^{-12}}{4\cdot3{,}14\cdot8{,}85\cdot10^{-12}\cdot(0{,}1)^3}\sqrt{1+3\left(\frac{1}{2}\right)^2}W/m\approx$$

$$\approx\frac{1000\cdot2{,}646}{55{,}6}W/m=47{,}6W/m.$$

$$\varphi=\frac{4\cdot10^{-12}}{4\cdot3{,}14\cdot8{,}85\cdot10^{-12}\cdot(0{,}1)^2}\cdot\frac{1}{2}W\approx\frac{100}{27{,}8\cdot2}W=1{,}8W.$$

1.23. (1.19) formula laýyklykda

$$F=p\frac{\partial E}{\partial\ell} \qquad (1)$$

$$E=\sqrt{E_0^2\sin^2\alpha_0+\frac{E_0^2\cos^2\alpha_0}{\varepsilon^2}}=E_0\sqrt{\sin^2\alpha_0+\frac{\cos^2\alpha_0}{\varepsilon^2}}$$

ýa-da

$$E=(E_0/\varepsilon)\sqrt{\cos^2\alpha_0+\varepsilon^2\sin^2\alpha_0} \qquad (2)$$

Bu ýerden

$$\frac{E}{E_0}=\sqrt{\sin^2\alpha_0+\frac{\cos^2\alpha_0}{\varepsilon^2}}<1 ,$$

ýagny $E<E_0$.

(2) aňlatmada $\varepsilon=6$ (aýnanyň dielektrik syzyjylygy) goýup, taparys:

$$E=\frac{10}{6}\sqrt{\left(\frac{\sqrt{3}}{2}\right)^2+6^2\left(\frac{1}{2}\right)^2}W/m=\frac{10}{6}\sqrt{\frac{39}{4}}W/m\approx5{,}2W/m.$$

Indi bagly zarýadlaryň üst dykyzlygyny tapalyň.

$\vec{P}$ wektory üçin araçäk şertlerinden peýdalanalyň (1.26 formula):

$$P_{2n}-P_{1n}=-\sigma'$$

Berlen şertlerde (eger 2-nji gurşaw wakuum bolsa)

$$\sigma'=P_{0n}=\chi\varepsilon_0E_{0n},$$

bu ýerde $\chi=1-\frac{1}{\varepsilon}$; $\quad E_{0n}=E_0\cos\alpha_0$.

(6) aňlatmada $\chi = \varepsilon - 1$ goýup, taparys:

$$\rho' = -\frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon}\rho \qquad (7)$$

Bu netijä başga ýol bilenem gelip bolar. Eger $\vec{P}$ wektory üçin Gaussyň teoremasynyň differensial görnüşini $\vec{\nabla} \cdot \vec{P} = -\rho'$. ulansak, we $\vec{P} = \chi\varepsilon_0\vec{E}$ hem χ-yň koordinatalara bagly däldigini nazara alyp,ýazyp bolar:

$\rho' = -\vec{\nabla} \cdot \vec{P} = -\chi\varepsilon_0\vec{\nabla}\vec{E}$ bu ýerde $\varepsilon_0\vec{\nabla}\vec{E} = \rho + \rho'$.

Şonuň üçin $\rho' = -\chi(\rho + \rho')$. Bu ýerden (7) aňlatma alynýar.

1.28. Dielekrigiň içinde meýdanyň güýjenmesi

$$E = \sqrt{E_\tau^2 + E_n^2}\ , \qquad (1)$$

bu ýerde E_τ we E_n degişlilikde $\vec{E}$ wektoryň tangensial we normal düzüjileri.

$\vec{E}$ we $\vec{D}$ wektorlar üçin aýna-wakuum gurşawlaryň araçägindäki şertlerden peýdalanalyň:

$$E_{1\tau} = E_{2\tau} \quad \text{we} \quad D_{1n} = D_{2n}$$

Onda (1.5-nji çyzgydan) suratdan taparys:

$$E_\tau = E_0 \sin\alpha_0\ , \quad E_n = \frac{D_n}{\varepsilon\varepsilon_0} = \frac{E_{0n}}{\varepsilon} = \frac{E_{0n}\cos\alpha}{\varepsilon},$$

bu ýerde E_{0n} – wakuumda $\vec{E}_0$ wektoryň normal düzüjisi. Soňky aňlatmalary (1) deňlikde goýup, alarys:

Berlen şertlerde suwuň iki sany molekulasyny momentleri birmeňzeş p bolan iki sany nokatlanç dipollar ýaly seretmek bolar.

(1) formula girýän meýdanyň E güýjenmesini (1.18) formuladan tapyp bolar:

$$E = \frac{p}{4\pi\varepsilon_0 r^3}\sqrt{1 + 3\cos^2\alpha}$$

Meseledäki berlen şertlere görä bu formulada $r = \ell$, $\cos\alpha = 1$ (sebäbi $\alpha = 0^0$).

Onda

$$E = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0} \cdot \frac{2p}{\ell^3} \qquad (2)$$

(2) aňlatmadan ℓ boýunça önümini alyp we ony (1) formulada goýup, taparys:

$$F = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{2p \cdot 3\ell^2}{\ell^6} = \frac{1}{4\pi\varepsilon_0}\frac{6p^2}{\ell^4}$$

ýa-da

$$F = \frac{1}{2\pi\varepsilon_0}\frac{3p^2}{\ell^4} \qquad (3)$$

$$F=\frac{1}{2\cdot 3{,}14\cdot 8{,}85\cdot 10^{-12}}\cdot\frac{3\cdot\left(0{,}62\cdot 10^{-29}\right)^2}{\left(10\cdot 10^{-9}\right)^4}N=\frac{1{,}15\cdot 10^{-14}}{55{,}6}N=$$

$$=\frac{115\cdot 10^{-16}}{55{,}6}N=2{,}1\cdot 10^{-16}N.$$

1.24. Ulgamyň simmetriýasy meselede goýulan soraga jogap bermek üçin Gaussyň teoremasyny peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

Ilki meýdanyň E güýjenmesini tapalyň.

Radiusy r bolan sferanyň merkezinde ýerleşen q zarýad üçin ýazyp bolar:

$$4\pi r^2 D_r = q \qquad (1)$$

$D=\varepsilon_0\varepsilon E$ formula esaslanyp bu ýerden, taparys:

$$E_r=\frac{D_r}{\varepsilon_0\varepsilon}=\frac{q}{4\pi\varepsilon_0\varepsilon r^2} \qquad (r<a) \qquad (2)$$

$\vec{P}$ polýarlanma wektoryny tapmak üçin $\vec{P}=\chi\varepsilon_0\vec{E}$ formuladan peýdalanalyň.

$$P=\frac{\chi\varepsilon_0 q}{4\pi\varepsilon_0\varepsilon r^2}=\frac{\chi}{\varepsilon}\cdot\frac{q}{4\pi r^2}$$

ýa-da wektor görnüşde

$$\vec{P}=\frac{\chi}{\varepsilon}\cdot\frac{q}{4\pi r^3}\vec{r} \qquad (3)$$

(3) formulada $\chi=\varepsilon-1$ aňlatmany goýup, alarys:

$$r\le a, \qquad E=\frac{D}{\varepsilon\varepsilon_0}=\frac{\rho}{3\varepsilon\varepsilon_0}r \qquad (3)$$

$$r\ge a, \qquad E=\frac{D}{\varepsilon_0}=\frac{\rho R^3}{3\varepsilon_0}\frac{1}{r^2} \qquad (4)$$

$E(r)$ we $\varphi(r)$ funksiýalaryň grafikleri 1.26-njy çyzgyda görkezilen.



1.26-njy çyzgy.

b) Bagly zarýadyň üst dykyzlygy

$$\sigma'=P_n=\chi\varepsilon_0 E_n=\frac{\varepsilon-1}{\varepsilon}\rho\frac{R}{3}$$

bu ýerde P_n we $E_n-\vec{P}$ we $\vec{E}$ wektorlaryň şaryň üstüne geçirilen daşky normala proýeksiýalarydyr.

Bagly zarýadlaryň göwrümleýin dykyzlygyny tapmak üçin

$$q'=-\frac{\chi}{1+\chi}q \qquad (5)$$

gatnaşykdan peýdalanalyň.

q' bagly we q erkin zarýadlaryň arasyndaky gatnaşyk dielektrigiň içindäki islendik göwrüm üçin dogrudyr. Tükeniksiz kiçi göwrüm üçin

$$q'\to dq'=\rho' dV \quad we \quad q\to dq=\rho\, dV.$$

Bulary (5) gatnaşykda orunlaryna goýup aşakdaky formulany alarys:

$$\rho'=-\frac{\chi}{1+\chi}\rho \qquad (6)$$

b) Berlen ýagdaýda Gaussyň teoremasyna laýyklykda

$$4\pi r^2 D = \frac{4}{3}\pi\left(r^3 - a^3\right)\rho, \qquad (3)$$

bu ýerde $\rho -$erkin zarýadyň göwrümleýin dykyzlygy.

(3) aňlatmadan

$$E = \frac{D}{\varepsilon\varepsilon_0} = \frac{\rho}{3\varepsilon_0\varepsilon}\frac{r^3 - a^3}{r^2} \text{ alynýar} \qquad (4)$$

E(r) we $\varphi(r)$ degişli grafikler 1.25-nji *b* çyzgyda görkezilendir.

1.27. *a*) Berlen şertlerde diňe erkinzarýadlaryň paýlanyşy belli, şol sebäpli *E* meýdany kesgitlemek üçin Gaussyň teoremasyndan peýdalanalyň:

$$r \le R,\ 4\pi r^2 D = \frac{4}{3}\pi r^3\rho, \quad D = \frac{\rho}{3}r \qquad (1)$$

$$r \ge R,\ 4\pi r^2 D = \frac{4}{3}\pi R^3\rho, \quad D = \frac{\rho R^3}{3r^2} \qquad (2)$$

(1) we (2) deňlemelerden

$$\vec{P} = \frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon}\cdot\frac{q}{4\pi r^3}\vec{r} \qquad (4)$$

$\vec{P}$ wektoryň meýdanynyň esasy häsiýetinden, ýagny $\oint \vec{P}d\vec{s} = -q'_{içki}$ formuladan, birhilli dielektrik halaty üçin ýazyp bolar.

$$\oint \vec{P}d\vec{s} = \chi\oint \varepsilon_0\vec{E}d\vec{s} = -q' \qquad (5)$$

(5) deňlemede integral *S* ýapyk üstüň içindäki ähli zarýadlaryň (daşky we bagly) algebraik jemine deňdir, ýagny $q + q'$. Şonuň üçin $\chi\left(q + q'\right) = -q'$, bu ýerden

$$q' = -\frac{\chi}{1 + \chi}q \qquad (6)$$

ýa-da

$$q' = -\frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon}q \qquad (7)$$

1.25. $\vec{P}$ polýarlanma wektory üçin Gaussyň teoremasyny ýazalyň:

$$\oint \vec{P}d\vec{s} = -q'_{\text{içki}}$$

Ýapyk üst hökmünde merkezi ulgamyň merkezi bilen gabat gelýän radiusy r bolan sferany alalyň.

Onda

$$4\pi r^2 p_r = -q'(r), \qquad (1)$$

bu ýerde $q'(r) -$ bu sferanyň içindäki bagly zarýad.

(1) aňlatmanyň differensialyny ýazalyň:

$$4\pi d\left(r^2 P_r\right) = -q'(r), \qquad (2)$$

bu ýerde dq' – radiuslary r we $r+dr$ bolan sferalaryň arasyndaky ýuka gatlakdaky bagly zarýad.

$dq' = \rho' 4\pi r^2$ deňligi nazara alyp, (2) aňlatmany aşakdaky görnüşe özgerdeliň:

$$4\pi r^2 dP_r + 4\pi 2rP_r = -\rho' r^2 dr$$

ýa-da

$$r^2 dP_r + 2rP_r dr = -\rho' r^2 dr,$$

bu ýerden

$$\rho' = -\left(\frac{dP_r}{dr} + \frac{2}{r}P_r\right) \qquad (3)$$

Biziň şertimizde

$$P_r = \chi\varepsilon_0 E_r = \frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon} D_r = \frac{\varepsilon - 1}{\varepsilon}\frac{q}{4\pi r^2},$$

sebäbi $D_r = \varepsilon\varepsilon_0 E_r, \quad \chi = \varepsilon - 1.$

Meselede berlen şerte görä $\varepsilon = \alpha / r$, onda

$$P_r = \frac{\frac{\alpha}{r} - 1}{\frac{\alpha}{r}} \cdot \frac{q}{4\pi r^2} = \left(1 - \frac{r}{\alpha}\right)\frac{q}{4\pi r^2} = \frac{q}{4\pi r^2} - \frac{q}{4\pi\alpha r}$$

p_r ululygyň bahasyny (3) deňlemede goýup, taparys:

$$\rho' = -\left[\frac{d}{dr}\left(\frac{q}{4\pi r} - \frac{q}{4\pi\alpha r}\right) + \frac{2}{r}\left(\frac{q}{4\pi r^2} - \frac{q}{4\pi\alpha r}\right)\right] =$$

$$= \frac{2q}{4\pi\, r^3} - \frac{q}{4\pi\alpha r^2} - \frac{2q}{4\pi r^3} + \frac{2q}{4\pi\alpha r^2} = \frac{1}{4\pi\alpha} \cdot \frac{q}{r^2}.$$

1.26. *a*) $\vec{D}$ wektory üçin Gaussyň teoremasyny ýazalyň. Ýapyk üst hökmünde radiusy r bolan sferany alalyň. Onda

$$4\pi r^2 D = q, \qquad (1)$$

bu ýerde q – sferanyň içindäki erkin zarýad. (1) aňlatmadan:

$$D(r < a) = 0, \quad D(r > a) = \frac{q}{4\pi r^2}$$

Bu deňliklerden gözlenýän güýjenmäni taparys.

$$E(r < a) = 0, \quad E(r > a) = \frac{D}{\varepsilon\varepsilon_0} \qquad (2)$$

E(r) baglylygyň grafigi 1.25-nji *a* çyzgyda görkezilen. Bu çyzgyda φ potensialyň r aralyga baglylyk grafigide görkezilendir.



a) b)

1.25-nji çyzgy.

$$U = \frac{2Q_1}{C} + \frac{Q_3}{C}, \qquad (2)$$

şunlukda,

$$Q_1 = Q_2 + Q_3 \qquad (3)$$

Soňky deňlikden

$Q_3 = Q_1 - Q_2$ tapyp (2)-de ornuna goýalyň we (1)-i hasaba alalyň. Onda

$$2CU = 2Q_1 + Q_2$$
$$CU = 3Q_1 - Q_2$$

bolar.

Indi soňky iki deňligi bir-birine goşalyň:

$$3CU = 5Q_1, \quad Q_1 = \frac{3}{5}CU.$$

Q_1 üçin alnan aňlatmany $CU = 3Q_1 - Q_2$ deňlikde ornuna goýalyň.



2.11

$$CU = 3\frac{3}{5}CU - Q_2,$$ bu ýerden

$$Q_2 = \frac{9}{5}CU - CU = \frac{4}{5}CU.$$

Diýmek, gözlenilýän ululyk

- nji çyzgy.

hökmünde merkezi q zarýadyň ýerleşen nokadynda radiusy r bolan sferany alyp, ýazarys:

$$2\pi r^2 D_0 + 2\pi r^2 D = q \qquad (3)$$

bu ýerde D_0 we $D -$ degişlilikde wakuumda we dielektrikde q zarýaddan r aralykdaky $\vec{D}$ wektoryň modullary.

Mundan başga $\vec{E}$ wektoryň tangensial düzüjisiniň üznüksizliginiň şertinden gelip çykýar:

$$D = \varepsilon D_0 \qquad (3)$$

(2) we (3) şertlerden tapylýar:

$$D_0 = \frac{q}{2\pi(1+\varepsilon)r^2}, \qquad D = \frac{\varepsilon q}{2\pi(1+\varepsilon)r^2} \qquad (4)$$

Şeýlelikde, ähli giňişlikde elektrik meýdanyň güýjenmesi

$$E = \frac{D_0}{\varepsilon_0} = \frac{q}{2\pi(1+\varepsilon)\varepsilon_0 r^2} \qquad (5)$$

(4) we (5) aňlatmalardan görnüşi ýaly, $\varepsilon = 1$ bolanda, bu formulalar bize belli bolan D we E üçin wakuumdaky nokatlanç zarýadyň aňlatmalaryna geçýär.

Alnan netijeler grafiki görnüşde 1.28-nji çyzgyda görkezilipdir.

(5) aňlatmadan potensial

$$\varphi = \frac{q}{2\pi(1+\varepsilon)\varepsilon_0 r}.$$

II bap
Geçirijiler elektrik meýdanynda.
Elektrik sygymy. Elektrik meýdanynyň energiýasy.
II.1. Usuly görkezmeler.

– Wakuumda geçirijiniň üstüniň golaýyndaky elektrik meýdany

$$E_n = \frac{\sigma}{\varepsilon_0}$$

σ - zarýadyň üst dykyzlygy $\left(\frac{\text{Kl}}{\text{m}^2}\right)$.

– Ýekelenen geçirijiniň sygymy

$$C = \frac{q}{\varphi}$$

φ - geçirijiniň potensialy, q - onuň zarýady.

– Tekiz kondensatoryň sygymy

$$C = \frac{\varepsilon\varepsilon_0 S}{d},$$

S- her bir plastinanyň maýdany.

– Ýekelenen zarýadly geçirijiniň energiýasy aşakdaky aňlatmalar arkaly tapylýar:

$$W = \frac{qU}{2}, \qquad W = \frac{CU^2}{2}, \qquad W = \frac{q^2}{2C};$$

– Elektrik meýdanynyň energiýasynyň göwrümleýin dykyzlygy

a) çyzgy). Superposiýa düzgününe görä $\vec{E}_I = \vec{E}_1 + \vec{E}_2$ ýa-da skolýar görnüşde *OX* oka görä

I. $\vec{E}_I = \vec{E}_2 - \vec{E}_1$, bu ýerde $E_2 = \frac{|\sigma_2|}{2\varepsilon_0\varepsilon}$ we $E_1 = \frac{\sigma_1}{2\varepsilon_0\varepsilon}$.

Onda alarys.

$$E_1 = \frac{|\sigma_2|}{2\varepsilon_0\varepsilon} - \frac{\sigma_1}{2\varepsilon_0\varepsilon} = E_2 = \frac{2\sigma}{2\varepsilon_0\varepsilon} - \frac{4\sigma}{2\varepsilon_0\varepsilon} = \frac{\sigma}{\varepsilon_0\varepsilon};$$

II. $E_{II} = E_1 + E_2 = \frac{|\sigma_2|}{2\varepsilon_0\varepsilon} - \frac{\sigma_1}{2\varepsilon_0\varepsilon} = \frac{3\sigma}{\varepsilon_0\varepsilon};$

III. $E_{III} = E_1 - E_2 = \frac{\sigma_1}{2\varepsilon_0\varepsilon} - \frac{|\sigma_2|}{2\varepsilon_0\varepsilon} = \frac{4\sigma}{2\varepsilon_0\varepsilon} - \frac{2\sigma}{2\varepsilon_0\varepsilon} = \frac{\sigma}{\varepsilon_0\varepsilon}.$

2.10-njy çyzgy.

Mesele soralýan E(x) baglylygyň grafigi 2.10-nji b) çyzgyda görkezilen.

2.2. Shemadaky kondensatorlaryň zarýadlaryny degişlilikde Q_1, Q_2 we Q_3 bilen belgiläp, ýazyp bileris.

$$U = \frac{Q_1}{C} + \frac{Q_2}{C}$$

2.10. $q=\sqrt{2\pi\varepsilon_0 k\left[(l_2-l_0)^2-(l_1-l_0)^2\right]}\,\frac{l_1 l_2}{(l_2-l_1)}=1.4\cdot10^{-7}\,kl$

2.11. $Q=\frac{2}{3}CU_0^2;$

2.12 $Q=\frac{1}{3}CI_0^2R^2$

2.13. $A=\frac{CU^2}{2}\left(\frac{\eta}{1-\eta}\right);$

2.14. $A=\frac{13Q\varepsilon}{30}.$

2.15. $U=\sqrt{\frac{2mg\,d^2}{\varepsilon_o S}}\approx5{,}9\,kW.$

2.16. a. $C=4\pi\varepsilon\varepsilon_o a\,b\,(b-a)$

b. $C=\frac{4\pi\varepsilon_o\varepsilon}{l\,n\frac{b}{a}};$

2.17. $\Delta q=\frac{U}{\left(\frac{1}{C_1}+\frac{1}{C_2}+\frac{1}{C_3}\right)};$

2.18. $A=\frac{q^2}{8\pi\varepsilon_o}\left(\frac{1}{R_1}-\frac{1}{R_2}\right).$

II.5. Çözüwler.

2.1. Meýdanyň I, II, III böleklerine seredeliň (2.10-njy



a)



b)

$$W_0=\frac{\varepsilon_0\varepsilon E^2}{2}=\frac{ED}{2}.$$

– Sferiki kondensatoryň sygymy

$$C=\frac{\varphi\pi\varepsilon_0\varepsilon rR}{R-r},$$

r,R – içki we daşky sferalaryň radiusy. Silindrik kondensatoryň sygymy

$$C=\frac{2\pi\varepsilon_0\varepsilon L}{\ln\left(R/r\right)},$$

L – koaksial silindrleriň beýikligi.

– Tekiz kondensatoryň plastinkalarynyň arasyndaky dartuw güýji

$$F=\frac{\varepsilon_0\varepsilon E^2S}{2}=\frac{\varepsilon_0\varepsilon SU^2}{2}=\frac{\sigma^2S}{2\varepsilon_0\varepsilon}.$$

II.2. Meseleler.

2.1. Iki sany tükeniksiz parallel tekizliklerde σ_1 we σ_2 üst dykyzlykly zarýadlar deňölçegli paýlanypdyr (2.1-nji çyzgy). Elektrik meýdanlarynyň



goşulma düzgünini peýdalanyp, I, II, III ýaýlalarda *E(x)* güýjenme üçin aňlatmany tapmaly we E(x) baglylygyň grafigini gurmaly, $\sigma_1 = 4\sigma$, $\sigma_2 = -2\sigma$ diýip kabul etmeli.

2.1 - nji çyzgy

2.2. 2.2-nji çyzgyda görkezilen kondensatorlar toplumynyň umumy sygymyny kesgitlemeli.



2.2- nji çyzgy

2.3. 2.3-nji çyzgyda görkezilen kondensatorlar toplumynyň umumy sygymyny kesgitlemeli.



2.3-nji çyzgy

2.4. Sygymy C_0 bolan howa kondensatoryna 2.4-nji çyzgyda görkezilişi ýaly dielektrik çyzyjylygy ε bolan plastinany girizýärler.



2.18. Gabygyň giňelmesinden sferik gatlaklaryň içinden elektrik meýdanynyň ýok bolup gidýändigini hasaba almaly. Şunlukda elektrik güýçleriniň işi degişi gatlakdan aýrylyp giden energiýa deňdir: $A = \Delta W$.

II.4. Jogaplar.

2.1. $E_I = -\dfrac{\sigma}{\varepsilon_0\varepsilon}$; $E_{II} = \dfrac{3\sigma}{\varepsilon_0\varepsilon}$; $E_{III} = \dfrac{\sigma}{\varepsilon_0\varepsilon}$.

2.2. $C_U = \dfrac{7}{5}C$. **2.3.** $C_{AD} = \dfrac{C}{3}$.

2.4. $\Delta C = \dfrac{\varepsilon_0 Sd}{d(d - d_0)} > 0$, $\Delta W = -\dfrac{q^2 d_0}{2\varepsilon_0 S} < 0$.

2.5. $x = \pm\dfrac{r_0}{\sqrt{2}}$

2.6. $F_1 = F_2 \approx \dfrac{3q_1q_2\ell^2}{2\pi\varepsilon_0 d^4}$;

2.7. $\varphi = \dfrac{\sigma R}{\pi\varepsilon_0}$;

2.8. a). $C = \dfrac{4\pi\varepsilon\varepsilon_0 ab}{b - a}$;

b). $C = \dfrac{4\pi\varepsilon_0 a}{\ln b/a}$;

2.9. $d_2 = \dfrac{7}{8}d_0$;

q_1 zarýadyny tapmaly. Şeýle amaly plastina A^1B^1 ýagdaýdaka hem ýerine ýetirip, sag tarapky obkladkanyň q_2 zarýadyny hasaplamaly. Soňra kondensatoryň meýdanynyň energiýasyny içi plastinaly we plastinasyz ýagdaý üçin kesgitlemeli we energiýanyň saklanma kanunyny peýdalanyp, gözlenilýän ululygy tapmaly.

2.15. Ilki bilen tereziniň deňagramlylyk şertini ýazmaly. $F=mg$, bu ýerde F-ýokarky plastina täsir edýän güýç. Soňra F güýji $C, U, d,$ berilenler arkaly aňlatmaly.

2.16. Gözlenilýän ululyga tapmak üçin sygymyň umumy $C=\dfrac{q}{U}$ kesgitlemesinden peýdalanmaly.

Soňra potensiallar tapawudy üçin

$$U=\int_{r_1}^{r_2} E\,dr,$$

kondensatoryň zarýady üçin bolsa $D=\varepsilon_o\varepsilon(r)E$ we $D=\dfrac{q}{4\pi r^2}$ formulalary ulanmaly.

2.17. Birikmeden öň birinji kondensatoryň zarýady üçin $q=C_1U$ aňlatmany ýazmaly. Soňra bu zarýadyň birikdirilen kondensatorlar bataerýasynyň düzüjilerinde paýlanýandygyny hasaba almaly. Birikmeden soň birinji kondensatoryň q_1 zarýadyny tapyp, $\Delta q=q-q_1$ aňlatma boýunça birikdiriji simlerden akýan zarýady kesgitlemeli.

Kondensatorlar toplumynyň sygymy C_0 bolar ýaly berlen kondensatora haýsy sygymly kondensatory yzygider birikdirmeli.

2.4 - nji çyzgy

2.5. Radiusy bolan geçiriji halka çyzykly dykyzlykly zarýadlanan. Halkanyň simmetriýa okunda elektrik meýdanynyň güýjenmesini (wakuumda) kesgitlemeli. Bu okuň haýsy nokadynda güýjenme iň uly (maksimal) baha eýe?

2.6. Iki sany tekiz kondensator umumy oka perpendikulýar ýerleşdiripdir we biri-birinden d aralyga daşlaşdyrylypdyr. Bu d aralyk tekizçeleriň ölçeginden we olaryň arasyndaky l uzaklykdan birnäçe esse uly. Kondensatorlaryň ikisi hem zarýadlanan, olaryň birinjisiniň zarýady q_1, ikinjisiniňki bolsa q_2. Kondensatorlaryň F özara täsir güýjüni tapmaly.

2.7. Ust dykyzlygy σ bolan deňölçegli zarýadlanan R radiusly ýuka tegelek geçiriji gapagyň gyrasyndaky potensialy kesgitlemeli.

2.8. Tekizçeleriniň radiuslary degişlilikde a we b bolan togalagцrtük şekilli kondensatoryň içini doldurýan dielektrigiň
a) dielektrik syzyjylygy birhilli ;

b) dielektrik syzyjylygy kondensatoryň merkezine çenli $\varepsilon=\dfrac{a}{r}$

baglanyşyga laýyklykda (a -hemişelik ululyk) üýtgeýän dielektrik bilen doldurylan halatynda onuň sygymyny kesgitlemeli.

2.9. Tekiz kondensatoryň tekizçeleri dielektrik pružin (simýaýjyk) bilen birikdirilipdir (2.5-nji çyzgy). Başda kondensatoryň tekizçeleriniň arasyndaky uzaklyk d_0 , kondensator zarýadlandyrylandan soňra bolsa ol ölçege çenli kiçelýär. Eger, zarýadlanan kondensatora edil öňki seredilen haldaky ýaly, zarýadlandyrylmadyk kondensator parallel birikdirilse, onda tekizçeleriň arasy nähili bolar?



2.5-nji çyzgy.

2.10. Birmeňzeş, biratly zarýadlanan iki togalak geçiriji gatylygy, *l =4 sm* uzynlykly pružin bilen özara birikdirilen. Togalak geçirijiler yrgyldyly hereketde bolup, olaryň arasyndaky uzaklyk *3 sm*-den *6 sm* –e çenli üýtgeýär. Geçiriji togalaklaryň zarýadyny tapmaly.

2.11. Çyzgyda görkesilen zynjyrda *C* kondensatoryň tekizçelerini simjagaz arkaly özara utgaşdyrylýar (2.6-njy çyzgy). Bu halda zynjyrda näçe mukdarda ýylylyk bölçnip çykar? Soňra bu simjagaz elektrik shemadan aýrylan (ýazdyrylan) halatynda näçe mukdarda ýylylyk bölünip çykar?



2.6-njy çyzgy.

2.9. Kondensatoryň tekizçelerine pružin tarapyndan täsir edýän $F = k\left(d_0 - d\right)$ maýyşgaklyk güýjini elektrostatik güýje $F = q\frac{E}{2}$ deňlemeli.

2.10. Bu meseläni kulon we maýyşgak güýçleri bilen şertlenen energiýalaryň saklanma kanunyny ulanyp çözmek amatlydyr.

2.11. Energiýanyň saklanma kanuny boýunça $Q = W_1 + A - W_2$, bu ýerde W_1–kondensatorlar ulgamynyň başlangyç energiýasy, W_2 -simjagaz dakylandan soň ulgamyň energiýasy, A-tok çeşmesiniň ýerine ýetirýän işi.

2.12. Kondensatoryň tekizçelerini gysga utgaşdyrýan simjagaz köýen pursatyndan ulgamdan bölünip çykýan ýylylyk mukdary: $Q = W_0 - W_1$ deň, bu ýerde W_0 -elektrostatik meýdanyň başlangyç energiýasy, W_1 -kondensatorlar ulgamynyň ahyrky energiýasy.

